№ 2
2021

YLMY-TEHNIKI ŽURNAL
***
НАУЧНО-ТЕХНИЧЕСКИЙ ЖУРНАЛ
***
SCIENTIFIC AND TECHNICAL MAGAZINE

# TÜRKMENISTANYŇ SENAGATY

Esaslandyryjysy – Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrligi



Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW:

***– Garaşsyzlyk berkararlygymyzyň, agzybirligimiziň we jebisligimiziň berk binýadydyr.***

***– Garaşsyz döwletimizde amala aşyrylýan her bir özgertme we maksatnama ilatymyzyň hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmaga gönükdirilendir.***

# BIZE MÄHRIBANLAR — ATA-ENE GEREK

Her maşgalanyň özüne mahsus däbi bolýar. Enem-atamyň doglan günlerini hemme doganlarymyz, ählimiz jem bolup gutlamak maşgala däbimizdi. Kakamyň 80 ýaş toýundan bir pursady ýatlamak isleýärin. Şonda doganlarym: «Kakamyza nähili sowgat etsek, ýerine düşerkä?» diýip, maňa maslahat saldylar. Kakam ruhubelent, göwnaçyk adam. Onsoň, onuň göwnüni diňe söz bilen, sungat bilen göterip, galkyndyryp boljakdy. Şoňa görä-de, birimiz goşgy bilen, birimiz saz çalyp, ýene birimiz aýdym aýdyp gutlasak, has ýerine düşer diýip pikir etdim. Ählimiz şu pikiriň daşynda jemlendik. Onsoň, her kim taýýarlyk görüp başlady.

Wagtyň salymy ýok. Ine-de, kakamyň 80 ýaş toýy ýetip geldi. Gutlap başladyk.

Özümden kiçi jigim bar. Ol — gyzlaryň iň ulusy. Oňa enemiň ady dakylansoň, Enegül diýýäris. Aslynda, onuň çyn ady — Durdynabat. Gutlamak gezegi şol jigime ýetdi.

Ol tolgunyp: «Kaka, bagyşla, birinjiden-ä, goşgy ýazmaga ýetişmedim, onsoňam, näçe ýazsamam, göwnümdäki ýaly çeper bolanok, bärden gaýdýar» diýdi.

Şonda kakam güldi-de: «Hany, sen ýüregiňdäkini söz bilen aýt.Onsoň, ony häzir ikimiz bilelikde goşgy setirlerine geçiräýeris» diýdi. Hemmämiz hem uly gyzyklanma bilen diňläp otyrys. Kakam jigimiň sözlerini diňledi-de, ony şol ýerde goşga öwürdi. Goşgy hemmämiziň göwnümizden turdy.

Bu goşgy Mälikguly aganyň soňky goşgy setirleri boldy.

**Belleýäs kakamyň doglan gününi,**
**Başymyz jem boldy — begenýär ýürek.**
**Ata-enäň gadryn bilmek barada**
**Agamdan görelde almagmyz gerek.**
**Bize mähribanlar — ata-ene gerek.**

**Ýanynda agamyz — Arkadag ogly,**
**Bizem görüp dursak gezekme-gezek.**
**Agtyk-çowluklarna guwanyp ýörkä,**
**Ýuwlugnam görmegi isleýär ýürek.**
**Bize goşa gumry — ata-ene gerek.**

**Çylşyrymly bolýar durmuşyň ýoly,**
**Ýöne ýalňyşmajak bolmaklyk gerek.**
**Ata-ene käýinse — säwlik goýbersek,**
**Ony gaty görmän, düzetmek gerek.**
**Bize maslahatçy ata-ene gerek.**



«Mähriban kyblamyň ömür ýoly — maňa nusgalyk ýol, onuň asylly beýik ahlak sypatlary meniň idealym, meniň durmuş uniwersitetim».

Hormatly Prezidentimiz
Gurbanguly BERDIMUHAMEDOWYŇ

«Döwlet guşy» atly romanyndan.

Gurbanguly
BERDIMUHAMEDOW

# ATAMYŇ

**Mähriban kyblam**
**Mälikguly Berdimuhamedowyň**
**ýagty ýadygärligine bagyşlaýaryn.**

*Aýlaryň soltany — ol Remezanda*
*Tamam boldy durmuş ýoly atamyň.*
*Gözellik jem bolup beýik ynsanda,*
*Şan şöhratly geçdi saly atamyň.*

*Päkizedi Hak Hudadergähinde,*
*Ýalkym bardy gahrymanlyk ruhunda,*
*Orunly bolmakdy Hakuçmahynda*
*Isleg arzuw hem hyýaly atamyň.*

*Hemmäni çagyryp edermenlige,*
*Halkyny başyna edindijyga,*
*Ol doga beýikdi, dogady, doga,*
*Nusgalykdyr päk ykbaly atamyň.*

*Ruhubelentligi bolup ýokary,*
*Ýeňip geçdi ähli kynçylyklary,*
*Açykdy ýüregi, nurludy seri,*
*Bilýär ony gözelili atamyň.*

*Mätäje uzatdy kömek goluny,*
*Mukaddeslik saýdy enedilini,*
*Il içinde alkyş boldy alany,*
*Ýollary alkyşdan doly atamyň.*

*Ýagşy işler gül ömürden ýadygär,*
*Beýik ynsan asyrsaýyn adygýar,*
*Ynsan mertebesin barha artdyrýar*
*Göreldesi hem mysaly atamyň.*

*Ýurdumyza rowaçlyklar ýar bolsun,*
*Bagy bossan bolsun, gülgüzar bolsun,*
*Älemjahan dursun, Watan bar bolsun,*
*Arzuwlap ýaşaýşy ýaly atamyň.*

**Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW:**

*– Türkmenistanyň Konstitusiýasy we Döwlet baýdagy mizemez agzybirligimizi, bitewüligimizi, beýik ynsanperwerlik gymmatlyklaryna, parahatçylyk hem-de döredijilik ýörelgelerine üýtgewsiz ygrarlydygymyzy alamatlandyrýar.*

# ATA WATANYMYZYŇ MUKADDES NYŞANLARY

Her ýylyň 18-nji maýynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap ýurdumyzda uludan tutulýan Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň gününi halkymyzyň goşa mukaddesliginiň goşa baýramy diýsek ýerlikli bolsa gerek. Çünki halkymyzyň Esasy Kanuny bolan Konstitusiýa-da, göreniňden göwnüň göterilip, ýaşyl ýazlary ýadyňa salyp duran ýaşyl Tugumyz-da türkmen halkymyzda mukaddes hasaplanýar. Konstitusiýa – bu döwleti döretmegiň esasy maksatlaryny we döwlet tarapyndan esaslandyrylýan kadalaryň düzümini beýan edýän, jemgyýet tarapyndan sarpa goýulýan resminamadyr.



Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly: «Esasy Kanunymyz we belentde pasyrdaýan Döwlet baýdagymyz biziň şanly geçmişimiziň, şöhratly döwrümiziň hem-de beýik geljegimiziň belentligini, agzybirligimiziň, abraý-mertebämiziň synmazlygyny alamatlandyrýan milli gymmatlygymyzdyr». Ol gymmatlyklar nesilleriň aýrylmaz baglanyşygynyň, ýaşaýyşyň we ösüşiň dowamatynyň, döwletliligiň we bagtyýarlygyň buýsançly beýanydyr, sarsmaz sütünidir.

Esasy Kanunymyz ýurdumyzyň Garaşsyzlyk ýyllaryndaky ösüşiniň her tapgyrynyň anyk taryhy şertlerini we aýratynlyklaryny beýan etmek bilen, milli agzybirligimizi we durnuklylygymyzy ygtybarlandyryp gelýär. Döwlet Baştutanymyzyň öňdengörüjilikli başlangyçlary, zähmetsöýer halkymyzyň oňyn teklipleri esasynda Konstitusiýamyzyň kadalary döwrebap kämilleşdirilýär. Konstitusion ýörelgeler her bir ynsanyň ömrüni we saglygyny, hukuklaryny we azatlyklaryny, halkyň erk-islegini we abadançylygyny, ählumumy parahatçylygy we ynsanperwerligi jemgyýetiň hem-de döwletiň iň ýokary gymmatlygyna öwren Bitarap ýurdumyzyň at-abraýyny belende göterýär.

Ýaşyl baýdagymyz dünýä ýurtlarynyň baýdaklarynyň arasynda türkmeniň ajaýyp bahar paslyny alamatlandyryp, gözelligiň nusgasy bolup, görenleri haýran galdyrýar. Döwlet baýdagymyz häzirki günde Birleşen Milletler Guramasynyň belent binasynyň öňünde buýsançly parlaýar. Ýurdumyzyň baýdagynda Garaşsyzlygymyzyň we hemişelik Bitaraplygymyzyň nyşanlary öz beýanyny tapýar. Baýdagymyzda bäş sany haly gölleri ýerleşdirilendir. Bu türkmen halkynyň agzybirliginiň hemde jebisliginiň özbolușly nyşanydyr. Döwlet baýdagymyzdaky Aýyň şekili abadançylygy, bäş ýyldyz bolsa bäş welaýatymyzy aňladýar. Onuň ýüzündäki iki sany zeýtun baldajygy ýurdumyzyň Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ykrar edilen hemişelik Bitapalygynyň ykrarnamasydyr. Döwlet baýdagymyzda türkmen halkynyň yhlasy, umyt-arzuwlary jemlenendir. Häzirki günde ýurdumyzyň çar künjeginde parlap duran ýaşyl Tugumyz raýatlarymyzy bagtyýar ýaşaýyşa ruhlandyrýar, ata Watanymyza bolan egsilmejek buýsanjy aňladýar.

Türkmen halky öz gymmatlyklaryna belent sarpa goýýar. Halkymyzyň adalat ýolunyň, däp-dessurlarynyň zamanabap dowam etmegine giň ýollary açýan milli Liderimiziň taýsyz tagallalary bilen, merjen paýtagtymyzda Garaşsyzlygymyzyň gazanylan senesini, şeýle-de Esasy Kanunymyzyň kabul edilen gününi teswirleýän Konstitusiýa binasy guruldy. Dünýäde iň beýik baýdak sütüni dikildi.

Konstitusiýa we Döwlet baýdagy merdana halkymyzyň parasatly garaýyşlaryny, milli mirasyny we ruhy dünýäsini bitewüleşdiriji, ýurdumyzy beýik maksatlara galkyndyryjy güýçdür. Ata Watanymyzyň ösüş arkaly parahatçylyk ýoly bilen öňe ilerleýän gadamlarynyň batlandyryjysydyr, jemgyýetimiziň döretmäge, gurmaga ukybynyň daýanjydyr, raýatlaryň röwşen ertirine ynamynyň gözbaşydyr.

Goý, mähriban halkymyzy buýsanjymyz ýaşyl tugumyzyň astynda röwşen belentliklere alyp barýan Gahryman Arkadagymyzyň ömri uzak, beýik işleri rowaç bolsun!

***Yslam TOÝMYRADOW,***
***Türkmenistanyň döwlet***
***energetika institutynyň talyby.***



# Dillerde: «Ak şäherim Aşgabat»



Dünýäde iň bir ösen, kämil, diýseň göze gelüwli şäherleriň biri bolan Aşgabadyň aýratyn taraplary, döwrüň ösen talaplaryny ödeýänligi barada milli Liderimiziň paýtagtymyzyň ýaşaýjylarynyň ýokary durmuş derejesini üpjün etmek hakyndaky yzygider aladalary, şäherimiziň hemmetaraplaýyn abadanlaşdyrylyşy, bagy-bossanlyga öwrülişi, ulag-aragatnaşyk hem inženerçilik-tehniki düzüminiň kämilleşdirilişi, owadan, döwrebap, kämil şäher sazlaşygyny emele getirişi bilen bagly wezipeleriň oňyn çözgüdiniň tapylyşy hakynda hormatly Prezidentimiziň «Ak şäherim Aşgabat» atly kitabynda giňişleýin beýan edilýär. Döwrebap awtomobil ýollaryny, estakadalary, köprüleri, ýol-ulag çatryklaryny gurmak işleri göwnejaý alnyp barylýan, Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň syýasy gurluşynyň, medeni-jemgyýetçilik aýratynlyklarynyň, ylmy-intelektual baýlyklarynyň, ykdysady institutlarynyň ähli amatlyklaryny özünde jemleýän ýeri bolan gözel paýtagtymyz Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe görlüp-eşdilmedik derejede ösdürildi. Bular barada hormatly Prezidentimiziň «Ak şäherim Aşgabat» atly kitabynda gyzykly gürrüňler berilýär.

Ak arzuwlaryň amala aşýan şäheri bolan Aşgabadyň dünýä çykýan nurana ýollary, döwrebap ýaşaýyş jaýlary, röwşen geljegi nazarlaýan nusgalyk, durmuş uniwersitetleri hakynda giňişleýin beýan edýän şeýle düýpli kitaby hakynda hormatly Prezidentimizden gowy ýazyp biljek Ynsan biziň jemgyýetimizde başga ýokdur. Munuň şeýledigine Gahryman Arkadagymyzyň «Ak şäherim Aşgabat» atly kitabyny okan her bir adam göz ýetirýändir. «Ak şäherimiziň nurana ýollary», «Şäheriň aşagyndaky şäher», «Energetika üpjünçiligi — ähli zadyň sakasy», «Oňat ýaşamagyň ilkinji şerti — oňaýly, döwrebap öýler», «Röwşen geljegiň binýady», «Medeni hazynanyň jemlenen şäheri», «Saglyk: ýaşaýşyň amatlylygynyň esasy şerti», «Sportuň, sagdynlygyň we



ruhubelentligiň şäheri», «Aşgabat — halkara hyzmatdaşlyk merkezi», «Binagärligiň täze nusgasy» hakynda çuňňur many-mazmuna ýugrulan, gyzyla gaplaýmaly jümleler, biziň üçin sowal bolup ör-boýuna galan soraglara jogaplar we beýlekiler hormatly Prezidentimiziň alty bölümden ybarat bolan şu dürler hazynasynda — gyzyldan gymmatly kelamlary bilen ýüreklere ýol salýan kitabynda öz beýanyny tapýar.

Döwrebaplygyň nusgasy hökmünde hemmeleri haýrana galdyrýan paýtagtymyzda gurulýan jaýlaryň «akylly şäheriň» amatlyklary bilen üpjün edilmegi, onuň demirgazyk böleginde iň bir häzirki zaman «Aşgabat sitiniň» gurulýandygy, umumy uzynlygy 200 kilometrden gowrak häzirki zaman halkalaýyn ýollaryň, merjen şäherimizde uzynlygy 60 kilometrden gowrak döwrebaplaşdyrylan ýollaryň 12-siniň, köprüleriň 18-siniň, ýerüsti geçelgeleriň 15-siniň, pyýadalar üçin ýerasty geçelgeleriň hem 39-synyň Aşgabadyň ýaşaýjylarynyň we myhmanlarynyň hyzmatyndalygy paýtagtymyzyň dünýäniň iň bir häzirki zaman şäherleriniň biridigini görkezýär. Şu taýda ýene bir zat, mermer şäherimiziň aşagyndan 12 metr çuňlukda ýerasty ötügiň gurlandygy, ony hormatly Prezidentimiziň «Şäher aşagyndaky şäher» diýip atlandyrandygy, ýerasty suwlaryň derejesini peseltmek, lagym, suw, elektrik, aragatnaşyk ulgamynyň ygtybarlylygyny ýokarlandyrmak maksady bilen gurlan ötügiň birinji gaty üç bölekden ybarat bolup, olaryň birinjisi şäheriň lagym suwlaryny akdyrmak, ikinjisi ýagyn suwlaryny toplap äkitmek, üçünjisem şäherde bar bolan suwlary çekip aýyrmak hyzmatlaryny ýerine ýetirýändigi hakynda bellemelidiris. Diametri 6, uzynlygy 17500 metr bolan ýerasty aragatnaşyk-zeýkeş, uzynlygy 13820, diametri 3,5 metr bolan äkidiji nagym ulgamlaryndan ybarat bolan desgalar toplumynyň şäheriň arassalygyny üpjün edýändigi barada hem hormatly Prezidentimiziň kitabynda giňişleýin gürrüň berilýär.

Ösdürilişi, gurluyklarynyň giň gerimde alnyp barlyşy, döretmegiň kämil derejesi, özboluşly binagärlik gurluşygy boýunça halkara derejesinde hem ýokary bahalara mynasyp bolýan merjen şäherimiz täsinliklere baý aýratynlyklary boýunça on bir gezek Ginnesiň Bütindünýä Rekordlary kitabyna girizildi. 2013-nji ýylda ak mermerli binalaryň iň köp sanlysynyň bir ýere jemlenen şäheri hökmünde paýtagtymyzyň Ginnesiň Bütindünýä Rekordlary kitabyna girizilmegi has-da guwandyryjy ýagdaýdyr. Hormatly Prezidentimiziň paýhas kitaby «Ak şäherim Aşgabat» häzirki wagt ähli ýerde iň bir söýlüp okalýan kitaplardandyr. Goý, durmuşyň ähli ugurlarynda ýolgörkeziji halypamyz Gahryman Arkadagymyzyň paýhas önümi bolan kitaplarynyň höwri mundan beýlägem köp bolsun!

***Gadam AKMYRADOW,***
***Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň Diller kafedrasynyň mugallymy.***





# «HALYLAR — PÄK ARZUWLARYŇ KITABY»

**Hanha ýaýlyp gidýär şygyr dünýäsi,**
**Onda durmuş hakda bardyr çuň many.**
**Dünýä çawy dolan türkmen halysy,**
**Ynsan ruhy, duýgularyň ummany.**

**Ýollar köpugurly. Barýas bir ugra,**
**Eşdilýär baglardan şeýdalaň sesi.**
**Her gün ir ertirden ýaňlanyp dur-a,**
**Haly daragynyň simfoniýasy.**

Türkmeniň haly-ahwaly halysyna siňipdir. Şonuň üçinem bu gymmatlyk ýyllaryň dowamynda «Haly» diýen adalgany özüne siňdiripdir. Durmuşda haryt, haryta diýen sözlerem bar. Arap ýazuwynda, gepleşik dilinde sözler jynsyna görä üçe bölünýär. Mysal üçin Jemal diýlip oglana, Jemala diýibem gyz çaga at goýulýar. Jemaly-«Kimiňki?! Jemalyňky» diýen sowalyň jogaby. Arap durmuşynda Jemaly köplenç familiýa bolup gelýär. Arap dilinden täsirlenen ata-babalarymyzyň durmuşynda hem ýokarky ýagdaýlaryň bolmagy kanunalaýyklykdyr. Ýokarky «Haryt, Haryta» sözleri erkege ýa aýal-gyza degişliligine görä üýtgäpdir. Uzak ýyllaryň dowamynda türkmeniň «Haryt» ýa-da «Haryta» sözleri Osman imperiýasyny döreden kaýy türkmenleriniň üsti bilen Ýewropa-da baryp ýetipdir. Haryta ýüzýyllyklaryň dowamynda Ýewropa-da aralaşypdyr we günbatar döwletleriniň raýatlarynyň arasynda karta diýen adalga öwrülýär. Çünki gadymy ene-mamalarymyz diýarynyň, welaýatynyň, obalarynyň, öýleriniň, etrapçalarynyň ýerleşişini hala çitip, öz döwründe haly kartalary dünýä halklaryna ýetirendigem hakykatdyr.

Aslynda ata-babalarymyzyň haly-ahwaly, geçmişi, şu güni, geljek hakynda arzuwlary, gündelik durmuşy, ýaz ýakymy bilen kalplara dolýan ýazlary, urp-adatlary, däp-dessurlary, daglary, ýaýlalary çitimler bilen özüne siňdiren türkmen halysynyň heniz görlüp-eşidilmedik üýtgeşik el önümi hökmünde birnäçe gezek Ginnesiň bütindünýä rekordlary kitabyna girizilmegi ýönelige däldir. Munuň şeýledigi hakynda hormatly Prezidentimiz özüniň «Arşyň nepisligi» atly kitabynda: «Haly — halkymyzyň gadymy hem müdimi, owal-ahyr ygrarly sungatydyr. Belli bir halka has bolan häsiýetleriň, edim-gylymlaryň, däp-dessurlaryň kemala gelip berkemeginde hem şol halkyň döreden milli sungatynyň örän ähmiýetli ugrunyň bardygyna men ynanýaryn. Ajaýyp haly göllerimiziň, küştdepdi ýaly joşgunly tanslarymyzyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna tapgyrlaýyn goşmak boýunça dowamly işleriň alnyp barylmagy bolsa, il-halkymyzyň döredijilige egsilmez hormatynyň subutnamasydyr. Gözelligi, nepisligi, öwüşgin atýan reňkleri bilen göreni haýrana goýýan halylar halkymyzyň ruhy ahwalydyr» diýip belleýär.

Ynsan halyny beýan etmek, gutarnykly pikirini adamlara ýetirmek, suratçylygyň, nakgaşlygyň owadan peýzaž eserini bolmalysy ýaly, gölleriň, nagyşlaryň, suratyň üsti bilen çeper suratlandyrmak haly sungatyna degişlidir. Ony sungat derejesine ýetirýän, hemmetaraplaýyn kämil eser hökmünde dünýä halklaryna görkezýänem türkmeniň çeper elli, pes pälli, göwün dünýäsi ummanlar deý owadan zenanydyr.

Ata-babalarymyz bu barlykda ilki bilen galamyň dünýä inendigi, onuň ser haty, dünýä injek her bir ynsanyň ömür beýanyny ýazandygy hakynda belleýärler. Bu barada Magtymguly Pyragy hem özüniň «Pelegidir» şygrynda:

**Galam ýazanda ser haty,**
**Asy ýazmyş biz ummaty,**
**Adam safynyň sulbaty,**
**Ýedi ýeriň topragydyr**

diýip, birinjiden, şol ýokarky pikiri tassyklaýar. Ikinjiden, Adam ata başlyklaýyn asy-günäkär bolnandygy, şol günäsini ýuwmak üçinem Adam oglunyň bütin ömrüni

zähmet çekmeli bolýandygy, üçünjiden, Adam safynyň (safy-sap sözünden) kaddy-kamatynyň Zeminiň ýedi yklymynyň topragyndan alnandygy, diýmek, Adam atanyň ýedi yklymyň adamlary üçin hem gyradeň gymmatlykdygy hakynda ýazýar. Dogrusy, Adamyň dünýä inmegi bilen, ekerançylyk, maldarçylyk, nakgaşlyk, ýazuw medeniýetleriniň dörändigi, soňy bilenem ösüp-örňändigi, şol ýazuw medeniýeti bilen bir wagtda halyçylyk medeniýetiniň hem dünýä inendigi özüňe belli. Çünki erkekler öz isleg-arzuwlaryny ýazuwyň, nakgaşçylygyň, suratkeşligiň üsti bilen beýan eden bolsalar, akyllydan asylly naçarlarymyz öz ýürek arzuwlaryny, etsem-goýsamlaryny hala çitmek, haly önümine siňdirmek arkaly beýan edipdirler.

Taryha ser salsaň, on üçünji asyrda häzirki türkmen topragyndan günorta-günbatara göç eden, baryp şol ýerde, Türkiýäniň çäginde Osman döwletini döreden kaýy türkmenleriniň aýal-gyzlarynyň göçüp baran döwürlerinde eýýäm köpçülikleýin haly dokandyklary, dokalan halylary hem gyzyl pula ýewropalylara ýerländikleri hakyndaky hakykata şaýat bolýarys. Ýer bilen gögüň, Aýyň, Günüň, planetalaryň, ýyldyzlaryň, tebigatyň, bütin göze görünýän-u-görünmeýän barlygyň sazlaşygy barada beýan edýän «Çarhypelek», «Älem», «Ümür-duman», «Tegbent», «Sekizgoçak», «Guşlygöl», «Gülýaýdy», «Sagdak» nagyşlarynyňdyr gölleriniň Ýewropa aralaşyp, ondanam dünýä ýaýrandygy bu ugurdan iş alyp barýan hünärmenleriň gelen netijesi. Elbetde, Pyragy ýaly söz ussadynyň:

**Üç essesi däli derýa,**
**Bir esse ýerde müň gowga**

diýip ýazyşy ýaly, ene ýeriň gurluşynda üç böleginiň suw, bir böleginiň ýaşamak üçin ýaramly gury ýer bolan dünýäniň bezegi daglaryň, çeşme-çaýlaryň, deňizleriň-ummanlaryň, kölleriň, yklymlaryň suduryny, şekilini hala salan ene-mamalarymyzyň harydy, harytasy bolan halylarymyzyň wagtyň geçmegi bilen karta öwrülendigi bu ugurdan kän-kän çorbalar sowadan hünärmen-alymlary hem haýrana goýman bilmeýär. Elleri çeper ene-mamalarymyzyň ruhy-ahwalaty, arzuw-islegleri, dünýäni-durmuşy görşi halylarymyza siňendigi, şonuň ýaly-da ýeriň ýüzünde ilkinji dessan hasaplanýan Gomeriň «Iliadasynda» bu eseriň baş gahrymanynyň: «Üstüne al-elwan düşelen halylar ýazylan sekide dyzymy epmeli boldum» diýen jümlesi enelerimiziň el önümleriniň, halylaryň nä derejede gadymydygyny, gadymy döwürlerde hem iň bir islegli, gymmat bahaly haryt bolandygyny görkezýär.

Ene-mamalarymyz tarapyndan 1941—1945-nji ýylda her bir inedördül metrinde 252000 çitim ýerleşdirilen, boýy 10,5, ini 18 metr, umumy meýdany 193 inedördül metr, agramy 865 kilogram bolan «Türkmen kalby» atly haly dokalan bolsa, 2001-nji ýylda boýy 14, ini 21,5 metr, umumy meýdany 301 inedördül metr, agramy 1200 kilogram, her inedördül metrinde syklygy babatda 304000 çitim ýerleşdirilen «Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Altyn asyry» atly haly dokalyp, bu äpet haly 2003-nji ýylda dünýäde elde dokalan iň iri haly hökmünde Ginnessiň Rekordlary kitabyna girizildi. Şeýle hem 2009-njy ýylda dokalan boýy 11,40, ini 16,80 metr, umumy meýdany 191,52 inedördül metr, agramy 700 kilogram, her inedördül metrinde syklygy 320000 çitim ýerleşdirilen «Galkynyş» atly haly, 2011-nji ýylda Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 20 ýyllyk şanly toýuna bagyşlanyp dokalan, boýy 12, ini 31,5 metr, umumy meýdany 178 inedördül metr, agramy 1500 kilogram, syklygy her inedördül metrinde 312000 çitim ýerleşdirilen, paýtagtymyzyň «Maslahat» köşgüniň bezegine öwrülen äpet haly, 2012-nji ýylda dokalan, boýy 8,48, ini 17,06 metr, umumy meýdany 144,67 inedördül metr, agramy 580 kilogram, syklygy her inedördül metrinde 320000 çitim ýerleşdirilen «Jan Watanym, Türkmenistan!» atly haly, 2013-nji ýylda dokalan, boýy 12, ini 28 metr, umumy meýdany 336 inedördül metr, agramy 1340 kilogram, syklygy her inedördül metrinde 320000 çitim ýerleşdirilen äpet halydyr. Bu halylarda Oguz han Türkmenden başlanýan eýýamlaryň, döwürleriň wakalary, türkmen zenanlarynyň dünýägaraýyşlary, älem-jahanyň sazlaşygy öz beýanyny tapýar. Ýüzünde türkmeniň milli mirasy lowurdap duran halylarymyz hakynda hormatly Prezidentimiz «Janly rowaýat» atly kitabynda: «Taryhçylar türkmen halyçylyk sungatynyň ýaşy hakda näçe jedel etseler edibersinler, bize bir zat mälim: bu hünär döräp, soň ýitip gitmändir, gaýta berkäpdir we ösüşe eýe bolupdyr. Esasy zat, Ýaradanyň özi ylahy nepesini üflän keramatly dänesiniň gögerip, dünýä çykmaga ýol tapdy, çünki onda Ýaradanyň eradasy bardy.

Beýik Perwerdigäriň jomartlyk bilen eçilen sowgadyny türkmen halky uly alkyş bilen kabul etdi we dana wesýet hem-de mukaddes hakykat hökmünde gorap saklady. Bu hakykat bolsa özgerdiji, gurujy, ýaşaýyşy ykrar edýän päk zähmetdir» diýip belleýär.

Halylar — kitap. Onda-da nähili kitap. Hormatly Prezidentimiziň «Arşyň nepisligi» kitabynda bellenilişi ýaly: «Halylar — päk arzuwlaryň kitaby». Ony okamak, öwrenmek, dünýä ýaýmak biziň — halyşynaslaryň, medeniýet işgärleriniň, žurnalistleriň, ýazyjy-şahyrlaryň esasy borçlarynyň biri.

***Gözel ÇARYÝEWA,***
***Türkmenistanyň Merkezi bankynyň***
***Türkmenistanyň Gahrymany A.Nyýazow adyndaky***
***Ýöriteleşdirilen bank mekdebiniň kitaphanaçysy.***

# Merjen şäheriň maksatly ýollary



Şu ýylyň 25-nji maýynda hormatly Prezidentimiziň başlangyç-tagallasy netijesinde keremli daglaryň biri bolan Köpetdag bilen sahawatly Garagumuň arasynda döräp, ak mermerli binalary, kämil ulag-aragatnaşyk hem inžener-tehniki düzümi arkaly diňe bir biziň däl, eýsem dünýä halklarynyň hem köp sanlysynyň aklyny haýrana goýýan Aşgabadyň 140 ýyllyk toýy, ägirt uly meýdanda, 744 gektar ýerde uly toplumyň, dürli maksatly binalaryň we desgalaryň 240-dan gowragynyň bina ediljek «Şäher içindäki şäheriň», başgaça aýdylanda «Aşgabat-sitiniň» düýbüniň tutulmagy hemmeleriň depesini gök diretdi. Soňky on bäş ýylyň dowamynda düýpli özgeren Aziýanyň merjen şäheri ýaşamak hem oňat dynç almak üçin ähli şertler döredilen özboluşly binagärlik taslamalary, dolandyryş, işewürlik, jemgyýetçilik, syýahatçylyk, medeniýet, ylym-bilim, söwda, dynç alyş merkezleri, diýseň gözel ýaşaýyş jaýlar toplumlary bilen hemmeleriň aklyny haýran edýär. Özboluşly, ajaýyp desgalary, Olimpiýa şäherçesi, ýaşaýyş, medeni dynç alyş maksatly ak mermere beslenen binalary on bir gezek Ginnesiň Bütindünýä rekordlary kitabyna girizilen ajaýyp şäherimiz diňe Türkmenistanyň raýatlary üçin däl, eýsem bütin dünýä halklary üçin hem iň bir gelim-gidimli ýerleriň birine, döwlet merkezine öwrülýär.

Bir tarapynda Änew medeniýeti, ýene bir tarapynda hem Altyndepe, Namazgähdepe, Ulugdepe ýaly oturymly ýerleri bilen taryhyň sahypalaryna giren, umuman alanyňda ÝUNESKO-nyň medeni mirasynyň gymmatlyklarynyň hataryna girizilen Nusaýyň ilkinji ekerançylyk ojaklary bilen baglanyşykly ösüşleri başdan geçiren, häzirki gün dünýä şäherleriniň arasynda mermer binalary, dürli ugurlary boýunça Bütindünýä Ginnesiň Rekordlary kitabyna giren Aşgabat şäheri heniz görlüp-eşdilmedik ösüşleri başdan geçirýär. Bir döwür özüniň owadan kerwensaraýlary, söwda dükanlarynyň hatarlary, muzeý hem kitaphana binalary, bazarlarynyň çar tarapyny bezän dal-daragtlary, owadandan üýtgeşik demir ýol menzili we beýleki ýerleri bilen göze gelüwli obalaryň biri hökmünde adamlaryň ünsüni özüne çeken Aşgabat şäherini bu gün görmäge göz gerek. Häzirki wagt iň bir gözel şäherleriň biri diýlip taryhyň sahypalaryny bezeýän Aşgabadyň adynyň gelip çykyşy hakynda hem her kim öz pikirini beýan edýär. Mysal üçin «Türkmen adam atlarynyň düşündirişli sözlügi», «Ýola eltýän ýodalar», «Türkmenistanyň toponimik sözlügi» ýaly kitaplaryň awtory, toponimika ylymlarynyň doktory S. Atanyýazow «Aşgabat-Yşkabat». «Yşk-söýgi we abatmekan, şäher» sözlerindendir diýip ýazsa, taryhçy alym

S.Agajanow «Aşgabat—Ärsaglar şäheri», belli geograf E.M.Mürzäýew hem «Astarta atly hasyllylygyň we söýginiň zenan hudaýynyň şäheri» diýen adalgalardandyr diýip belleýär. Belli kinorežissýor A. Atajanow «Aşgabat-Ashabat, as-asman, abat-mekan, şäher» manylaryny berýär diýip belleýär. Umumanam, bir tarapdan, ak bugdaýyň ilkinji mekany diýlip ykrar edilen Änew medeniýeti, ýene bir tarapdanam, gojaman Köpetdagyň dag etek ýerlerinde Altyndepe, Namazgähdepe, Ulugdepe ýaly oturymly ýerleri bilen ÝUNESKO-nyň medeni mirasynyň gymmatlyklarynyň hataryna girizilen Nusaýyň ilkinji ekerançylyk ojaklarynyň bolmagy içinden adybir çeşmäniň suwy akyp geçen oturymly Ashabat obasynyň ösüşine, uly şäherleriň biri hökmünde kemala gelmegine özüniň oňyn täsirini ýetiripdir. Hawa, bir döwür Ashabat atly dag çeşmesinden emele gelen ene ýabyň iki kenarynda ýaşan sekiz ýüz öýlüden ybarat oba bolanlygyndan, barha we barha ösen, gözelleşen, ilatynyň sany artan, ýylsaýyn dünýä halklarynyň ünsüni özüne çeken Aşgabat hakynda gürrüň berere zat kän.

Ashabat atly dag çeşmesiniň iki kenarynda ýaşan bu obanyň ilatynyň sany 1892-nji ýylda on üç müňe ýeten bolsa, bu görkeziji 1897-nji ýylda eýýäm on dokuz müň dört ýüz ýigrimi alty adama ýetýär. Dürli-dümen harytlardan doly dükanlarynyň we myhman kabul edýän kerwensaraýlarynyň sanlary hem barha artýar. Çünki bir müň sekiz ýüz togsan dokuzynjy ýylda şol wagtky paýtagtymyza gelip giden söwda kerwenleriniň sanynyň müňe ýetmegi munuň hakykatdan hem şeýledigini görkezýär.

Aşgabat Garaşsyzlyk döwründe parahatçylygyň we ylalaşdyryjylygyň merkezi hökmünde dünýä halklarynyň ünsüni özüne çekdi. Garaşsyz Türkmenistanyň Bitaraplyk derejesiniň BMG tarapyndan biragyzdan goldanylmagy, bu halkara guramasynyň «Energiýa serişdeleriniň dünýä bazarlaryna ygtybarly we durnukly iberilmegi we hakara hyzmatdaşlygynda we durnukly ösüşi üpjün etmekde onuň roly» atly rezolýusiýany kabul etmegi, 2013 — 2015-nji ýyllarda Türkmenistanyň BMG-niň Ykdysady we Durmuş ösüşi geňeşiniň agzalygyna saýlanmagy paýtagtymyzyň halkara abraýynyň hemmetaraplaýyn beýgelmegine hem-de berkemegine öz oňyn täsirini ýetirdi. Şeýle-de 2007-nji ýylda Aşgabatda BMG-niň Merkezi Aziýa üçin Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit Merkeziniň açylmagy, 2012-nji ýylyň dekabrynda paýtagtymyzda GDA-nyň döwlet Baştutanlarynyň Geňeşiniň, 2013-nji ýylyň martynda «Nowruz — parahatçylygyň we ynsanperwerligiň baýramy» atly halkara maslahatynyň geçirilmegi Aşgabadyň dost-doganlyk şäheri hökmünde dabarasynyň daglar aşmagyna şertler döretdi.

Şu ýylyň 24-25-nji maýynda, paýtagtymyzyň 140 ýyllyk ýubileýiniň bellenilýän günlerinde ak şäherimizde ýolagçylar üçin ähli amatlyklary bolan, iň bir häzirki zaman awtobuslarynyň we taksileriň köp sanlysy dürli ugurlar boýunça gatnap başlady. Şeýle hem 25-nji maýda ilkinji bolup Selbi we Yslam Orazmuyradowlaryň maşgalasynda dünýä inen ogul perzende Aşgabat, Aýna we Ýazmuhammet Atajykowlaryň maşgalasynda dünýä inen gyz perzende Merjen diýlip at goýuldy. Şol gün ilkinji bolup dünýä inen çagalaryň ata-enelerine bolsa, hormatly Prezidentimiziň adyndan gymmat bahaly sowgatlar gowşuryldy. Munuň özi diňe bir täze dünýä inen çagalar we olaryň ata-eneleri üçin däl, eýsem şeýle wakalaryň şaýady bolýan beýleki adamlar üçin hem är ömürde iň bir ýatdan çykmajak günleriň biri boldy, hemem halkymyzyň paýtagtymyza nä derejede hormatynyň uludygyny görkezýär.

Türkmen gelin-gyzlarynyň dokan özboluşly, äpet halysy bilen, şonuň ýaly-da ak mermere beslenen paýtagtymyzyň iň köp suw çüwdürimler toplumyna eýe bolan şäher hökmünde Ginnesiň Bütindünýä rekordlary kitabyna girizilmegi, 133 metrlik belentlikde parlaýan, agramy 420 kilograma, möçberi 52,5 we 35 metre barabar Döwlet Baýdagymyzyň Ginnesiň Bütindünýä rekordlary kitabyna girizilen belentlikde parlamagy biziň depämizi gök diredýär. Şeýle hem gözel Aşgabadyň owadanlygyna gözellik goşýan beýik desganyň — «Älem» medeni-dynç alyş merkeziniň iň uly, ýapyk görnüşli aýlanýan syn ediş hiňňildiginiň bütindünýä rekordy hökmünde ykrar edilmegi, Giňdiwaryň belent gerşinde ýerleşýän, beýikligi 211 metrlik telewizion minarasy bolan «Türkmenistan» teleradioýaýlymlar merkeziniň Ginnesiň Bütindünýä rekordlary kitabyna girizilmegi, şeýle-de paýtagtymyzdaky Bagt köşgüniň we «Türkmenistan» teleradioýaýlymlar merkeziniň International Property Awards Europe atly abraýly halkara baýragyna mynasyp bolmagy göwün guşumyzy al-asmanda pelpelledýär.

Paýtagtymyzda döwrüň ösen talaplaryny ödeýän işleri amala aşyrmak babatda milli Liderimiziň ýurduň raýatlarynyň ýokary durmuş derejesini üpjün etmek hakyndaky yzygider aladalary öz miwesini berýär. Eziz Diýarymyzyň paýtagtyny hemmetaraplaýyn abadanlaşdyrmak, bagy-bossanlyga öwürmek, ulag-aragatnaşyk hem inženerçilik-tehniki düzümini kämilleşdirmek, owadan şäher sazlaşygyny emele getirmek bilen bagly wezipeler birkemsiz we oňyn çözgüdini tapýar. Döwrebap awtomobil ýollaryny, estakadalary, köprüleri, ulag-ýol çatryklaryny gurmak işleri göwnejaý alnyp barylýar. Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň syýasy gurluşynyň, medeni-jemgyýetçilik aýratynlyklarynyň, ylmy-intelektual baýlyklarynyň, ykdysady institutlarynyň ähli amatlyklaryny özünde jemleýän ýüregi bolan gözel paýtagtymyz Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe görlüp-eşdilmedik derejede ösdürilýär. Baky Bitarap Türkmenistanyň

ýigrimi bäş ýyllygynyň şanly toýy mynasysybetli Gahryman Arkadagymyzyň hut Özüniň gatnaşmagynda Aşgabady ösdürmegiň on altynjy tapgyrynyň çäklerinde gurlup ulanmaga berlen medeni-durmuş maksatly iri desgalar toplumynyň açylyş dabarasy munuň hakykatdan hem şeýledigini hakykat ýüzünde görkezdi.

Gahryman Arkadagymyzyň durmuşa geçirýän beýik işleri ata Watanymyzy, şonuň bilen birlikde paýtagtymyz Aşgabady hem ösdürmäge, mundan beýläk-de gözelleşdirmege badalga boldy. Hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» ýylynyň fewral aýynyň üçünji ongünliginde paýtagtymyzyň häkimliginde Aşgabadyň 140 ýyllygynyň baýramyna taýýarlyk görmegiň we ony mundan beýläk-de hem ösdürmegiň meselelerine bagyşlap maslahat geçirmegi hem-de şäheri gurmagyň degişli inženerçilik we ýol-ulag düzümini, täze desgalaryň bezeg aýratynlyklaryny, olaryň ýanaşyk ýerlerini abadanlaşdyrmagy göz öňüne tutýan amala aşyrmalary öz içine alýan çäreleriň geriminiň bu maslahatda görkezmeleri, şeýle-de hormatly Prezidentimiziň şäheri mundan beýlägem abadanlaşdyrmak, çägini giňeltmek bilen baglanyşykly öwüt-ündewleri, meýilnamalary hem munuň hakykatdanda şeýlediginiň subutnamasydyr. Garaşsyzlyk eýýamynda göze gelüwlilik, ýaşaýjylary üçin ýokary amatlykly ýaşaýyş jaýlary, edara-binalary babatda görlüp-eşdilmedik derejede özgeren paýgagtymyzyň hormatly Prezidentimiziň döwlet baştutanlygynda mundan beýläk hem özgerjekdigine, ösdüriljekdigine ynanýarys.

«Gök guşagyň» gözel, tutlaryň balhy,
Eşidýän baglaňda şeýdalaň sesin.
Saňa bakyp wysal tapandyr kalby
Rekordlar kitaby goja Ginnesiň.

Bardyr şahyrlaryň sözleri sünnä,
Göýä jennet hüýri, gyzlaryň peri.
Hem paýtagt şäherim, seniň özüň-ä,
Orta Aziýanyň merjen şäheri.

Ileriň Köpetdag. Mekany kimiýa,
Gaýraň Garagumdyr. Badalgaň daglar.
Seniň at-abraýyň ýaýypdyr dünýä —
Edermen eždatlar. Dana ärsaglar.

Ýollaň dünýä çykýar. Dostluga barýar,
Bahar-ýazlaň hoştap, bereket güýzüň.
Saňa gelenleri goýýandyr haýran,
Sünnä söýgi deýin seň tämizligiň.

Kölüň bar gök suwly, goýnunda düri,
Gülläp ösüşleriň gözbaşynda sen.
Annaberdiň «Älemgoşar» şygyry —
Reňkleriň toplumy suw çüwdürimleň.

Dury yşyk munda ýagtyldýar tümi,
«Yşk abat» duşurýar ýar bilen ýary.
Hemem dürli reňkli suw çüwdürimi,
Göwün guşy kibi asmana sary —
Atygsaýar-a.

Saçak naz-nygmatly. Supralar handyr,
Alysdan görünýär pasyrdap tuguň.
Paýtagtym, dünýämiz bezäp gelýändir —
Seniň barlygyň!

***Abdylhalyk JUMADOW,***
***«Türkmenistanyň senagaty».***



# GÖRELDELI ZÄHMETE SARPA

***Aşgabat – Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyzyň ak mermerli paýtagty, ol Aziýanyň merjen şäheri hasaplanylýar. Onuň owadan, nurana keşbinde ak arzuwlaryň, bagtly günleriň wysalyny görmek bolýar. Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary netijesinde, soňky ýyllarda Aşgabadyň keşbi düýpli özgerdi. Aşgabadyň şu günki ýeten derejesi, gözel görki agzybir halkymyzyň mermer paýtagtymyza bolan egsilmez söýgüsiniň, zehin-yhlasynyň miwesidir.***

Parahatçylygy dörediji, halkara çäreleriň geçirilýän sebit merkezi bolmak bilen gözel paýtagtymyz özboluşly binagärlik taslamalary boýunça döredilen köp sanly dolandyryş, önümçilik, işewürlik, maliýe, ylym-bilim, medeniýet, lukmançylyk, sport, syýahatçylyk, söwda, dynç alyş merkezlerini, ýaşaýyş jaýlaryny we beýleki desgalary öz içine alýar. Aşgabadyň özboluşly ajaýyp desgalarynyň Ginnesiň rekordlary kitabyna 11 gezek girizilendigi türkmen halkyny buýsandyrýar.

Aşgabat şäherini ýokary depginler bilen ösdürmegiň konsepsiýasyny üstünlikli durmuşa geçirmekde, adamlaryň ýaşaýyş-durmuşy üçin iň amatly şertleri döretmekde, paýtagtymyzy dünýä ýalkym saçýan, iňňän owadan şähere öwürmekde ýurdumyzyň her bir raýatynyň mynasyp paýy bar. Şoňa görä-de, Aziýanyň dür-merjenine öwrülen paýtagtymyzyň 140 ýyllyk baýramy mynasybetli Arkadag Prezidentimiziň gol çeken Permanyna laýyklykda, golaýda şäheriň «Ak şäherim Aşgabat» binasynyň ýanynda geçirilen dabarada watandaşlarymyzyň ençemesiniň döwlet sylaglary, hormatly atlar bilen sylaglanmagy bu ugurda çekilýän göreldeli zähmete goýulýan belent sarpanyň nobatdaky beýany boldy. Köp ýyllaryň dowamynda çeken halal we göreldeli zähmetini, gazanan ýokary netijelerini we hünär ussatlygyny nazara alyp, şeýle hem Aşgabat şäheriniň 140 ýyllygy mynasybetli sylaglananlaryň arasynda Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň garamagyndaky edara-kärhanalaryň işgärleriniň hem bolmagy pudagyň işgärlerini begendirdi.

Aýratyn hem hormatly Prezidentimiziň Permany bilen ministrligiň «Zarba» ýöriteleşdirilen döwlet kärhanasynyň baglara ideg etmek boýunça işçisi Ýagşygül Ilamanowanyň, «Senagattaslama» taslama institutynyň işgärler bilen işleýän baş hünärmeni Madina Konirowanyň, «Nebitmaş» döwlet kärhanasynyň kabel önümlerini öndürýän esasy sehiniň ussasy Sylap Amangeldiýewiň, Büzmeýin etrabynyň «Demirbetonönümleri» kärhanasynyň armatur sehiniň enjamda armatur eredijisi Çarysähet Döwletowyň, Aşgabat şäheriniň «Demirbetonönümleri» kärhanasynyň baş inženeri Meýlismyrat Garajaýewiň «Watana bolan söýgüsi üçin» atly medal bilen sylaglanmagy hem-de «Nebitmaş» döwlet kärhanasynyň önümçilik-tehniki bölüminiň esasy hünärmeni Amangeldi Hojaýewe «Türkmenistanyň at gazanan senagat işgäri» diýen hormatly adyň dakylmagy hemmämizde buýsanç duýgularyny döretdi we geljekde hem uly zähmet üstünliklerine ýetmäge ruhlandyrdy.

Döwlet sylaglaryna we hormatly atlara mynasyp bolanlaryň ählisi özleriniň çeken zähmetleri üçin beren ýokary bahasy üçin Arkadag Prezidentimize köp sagbolsun, egsilmez alkyş aýtdylar we mundan beýläk hem yhlasly hem göreldeli zähmet çekjekdiklerine ynandyrdylar.

Uzak ýyllaryň dowamynda halal, yhlasly we göreldeli işläp, zähmetde tapawutlanan raýatlaryň ençemesine hormatly Prezidentimiziň Permany bilen Aşgabat şäheriniň 140 ýyllygy mynasybetli döwlet sylaglary berildi we hormatly atlar dakyldy. Ýurdumyzyň beýleki pudaklary bilen bir hatarda Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň ulgamyndan hem döwlet sylaglaryna we hormatly atlara mynasyp bolan işgärleriň birnäçesiniň ýürek sözüni okyjylara ýetirýäris.

### *ZÄHMETIM BAR – HORMATYM BAR*



**MADINA KONIROWA, «Senagattaslama» taslama institutynyň işgärler bilen işleýän baş hünärmeni, Türkmenistanyň «Watana bolan söýgüsi üçin» medalynyň eýesi:**

– Türkmen halky ata Watanymyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň 30 ýyllyk şanly baýramçylygyna Arkadag Pezidentimiziň daşyna berk jebisleşip, baky Bitarap ýurdumyzy gülledip ösdürmekde asyrlara barabar ösüşleri gazanmak bilen barýar. «Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» ýylynda giňden we uly ruhubelentlik bilen bellenilýän gözel paýtagtymyz Aşgabat şäheriniň 140 ýyllyk toýy meniň durmuşymda goşa şatlyga öwrüldi. Hormatly Prezidentimiziň Permany bilen maňa Türkmenistanyň «Watana bolan söýgüsi üçin» medaly gowşuryldy. Muňa begenjimiň we buýsanjymyň çägi

ýok. Bu döwlet sylagy işime bolan jogapkärçiligi we höwesi has-da artdyrdy.

Ýurdumyzy senagat taýdan ösdürmek, ilata edilýän hyzmaty ýokarlandyrmak, özümizde öňýän önümleriň görnüşlerini artdyrmak boýunça düýpli işler alnyp barylýar. Şol işlere-de goşandymyzy goşýandygymyza begenýärin. Häzirki gün binagärlik aýratynlygy, täsinligi bilen Ginnesiň rekordlary kitabyna giren Aşgabadyň döwrebap binalarynyň hatary barha uzaýar. Olaryň gurluşygynda, esasan hem, ýerli önümleriň ulanylmagy bizi – gurluşyk senagatynyň işgärlerini örän begendirýär we biziň öňümizde uly borçlary goýýar.

Döwrebap şertlerde zähmet çekmäge, ýurdumyzyň gülläp ösmegi ugrundaky ajaýyp işlere goşant goşmaga döredilýän giň şertlerdir mümkinçilikler üçin döwlet Baştutanymyza alkyşymyzyň çägi ýokdur.



**AMANGELDI HOJAÝEW, «Nebitmaş» döwlet kärhanasynyň önümçilik-tehniki bölüminiň esasy hünärmeni, Türkmenistanyň at gazanan senagat işgäri:**

– Aşgabadyň 140 ýyllyk baýramynyň şeýle uly dabaralara beslenip bellenilýän günlerinde Arkadag Prezidentimiziň Permany bilen «Türkmenistanyň at gazanan senagat işgäri» diýen hormatly adyň dakylmagy bagtdan nyşan.

Garaşsyzlyk ýyllarynda halk hojalygynyň beýleki ugurlarynda bolşy ýaly, senagat pudagynda hem uly sepgitlere ýetildi. Gahryman Arkadagymyzyň bimöçber aladalary we taýsyz tagallalary netijesinde gurluşyk senagaty ajaýyp ösüşlere eýe boldy. Ýurdumyzda gurluşyk serişdelerini öndürýän ululy-kiçili kärhanalaryň ençemesi gurlup, ulanylmaga berildi, öňden bar bolanlarynyň durky täzelenildi, önümçilige öňdebaryjy tehnologiýalar we enjamlar ornaşdyryldy. Munuň özi içerki bazary gurluşyk serişdeleri bilen üpjün etmek we eksport ugurly önümleriň möçberini artdyrmak meselesinde uly ähmiýete eýe boldy.

Häzirki wagtda ak şäherimiz Aşgabat öz ösüşiniň täze döwrüni başdan geçirýär. Paýtagtymyzyň ösdürilmegi döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugry bolup durýar. Şonuň netijesinde, ol örän gysga ýyllaryň dowamynda üçünji müňýyllygyň ajaýyp şäherine öwrüldi. Aşgabat gür bagly seýilgähleri, ýaşyl zolaklary, altynsow gümmezli köşkleri, köp sanly döwrebap suw çüwdürimleri, özboluşly binagärlik aýratynlygy bolan beýik binalarydyr desgalary bilen Watanymyzyň şu günki ajaýyp döwrüni hem-de nurana geljegini aýdyň görkezýär.

Men şu bagtly günde ak mermer paýtagtymyzy dünýäniň iň owadan şäherleriniň birine öwren, ýurdumyzyň senagat pudagyny ösdürmäge aýratyn üns berýän milli Liderimize köp sagbolsun, egsilmez alkyş aýdýaryn. Arkadag Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak bolsun, beýik tutumlary rowaçlyklara beslensin!



**ÇARYSÄHET DÖWLETOW, Büzmeýin etrabynyň «Demirbetonönümleri» kärhanasynyň armatur sehiniň enjamda armatur eredijisi, Türkmenistanyň «Watana bolan söýgüsi üçin» medalynyň eýesi:**

– Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 30 ýyllyk şanly baýramynyň Aşgabadyň 140 ýyllygy bilen gabat gelmegi ýurdumyzyň taryhynda ajaýyp wakadyr. Eziz Diýarymyzyň täze taryhy senenamasyna altyn harplar bilen ýazyljak bu şanly seneler ähli raýatlarymyzyň Watana bolan söýgüsini has-da artdyrýar, mähriban halkymyzy il-ýurt bähbitli, döwletli işlere ruhlandyrýar.

Häzirki günde ak mermerli Aşgabat dünýä parahatçylyk söýüjiligi ýaýýan Garaşsyz, hemişelik Bitarap ýurduň paýtagty, ylalaşdyryjy merkez, dostlukdoganlygyň şäheri hökmünde Ýer ýüzünde giňden meşhurdyr. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Gahryman Arkadagymyzyň bimöçber aladalary we taýsyz tagallalary netijesinde Watanymyzyň ak mermerli paýtagty, Aziýanyň merjen şäheri bolan Aşgabat dünýäniň iň owadan, ýaşaýyş üçin amatly şertleri özünde jemleýän şäherleriniň birine öwrüldi.

Aşgabat şäheriniň esaslandyrylmagynyň 140 ýyllyk toýunyň bellenilýän günlerinde ýurdumyzda tutulýan baýramçylyk dabaralary halkymyzy uly ruhubelentlige besleýär. Ine, şeýle dabaralaryň biri hem gözel paýtagtymyzyň «Ak şäherim Aşgabat» binasynyň ýanynda asylly we göreldeli zähmeti bilen tapawutlananlara Aşgabat şäheriniň 140 ýyllygy mynasybetli Şa serpaýlarynyň gowşurylmagydyr. Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany bilen Türkmenistanyň «Watana bolan söýgüsi üçin» medaly bilen sylaglanmagym meni we maşgalamyzy egsilmez şatlyga besledi.

Biz berkarar Watanymyzyň ýüregi Aşgabady mundan beýläk-de ösdürmek, ýurdumyzy senagat taýdan ösen döwlete öwürmek boýunça alnyp barylýan işlere öz mynasyp goşandymyzy goşarys.

Meniň çeken halal zähmetime ýokary baha beren Gahryman Arkadagymyzyň jany sag, döwlet we halk bähbitli tutumly işleri elmydama rowaç bolsun!

**Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW:**

*— Eýesine wepadarlygy, ýyndamlygy, çydamlylygy bilen halkymyzyň guwanjyna, ýakyn syrdaşyna öwrülen behişdi bedewlerimiz we türkmen alabaýlarymyz il-günümiziň uçar ganatydyr, köňül buýsanjydyr.*



# GOŞA BAÝRAMYŇ ÝAŇY

***Ata-babalarymyz: «At münen alysa gözlär» diýipdir. Bu birinjiden, bedewe atlananyň pyýada görä biraz ýokardan seredýändigini görkezse, ýene bir tarapdan at münýäniň gözüniň görgür, aklynyň kesgir, ruhunyň beýik, süňňüniň sagat, diýmek, on iki synasynyň sagdyn, bütin süňňüniň sazlaşykly işleýändigini aňladýar. Biziň eýýamymyzdan müň ýyldan gowrak ozal, diýmek, mundan üç müň ýyldan gowrak ozal ýaşan hem dürli keselleriň öňüni almakda uly işleri durmuşa geçiren Lukman Hekim, häzirki döwrümizden iki ýarym müň ýyla golaý öň sersaglyk hakynda köp sanly işleri amala aşyran Gippokrat, galyberse-de dokuz ýüz segseninji ýylda Türkmenabadyň aňry ýanynda, Buharanyň Afşana obasynda dünýä inen filosof, Ýewropada Awessina, ata-babalarymyz tarapyndan hem Abu Aly Ibn Sina diýlip tanalan uly alym munuň hakykatdan hem şeýledigini tassyklandygy barada maglumatlar bar. Uly alym Gippokrat: «Adamlar, at münüň, atdan örküňizi üzmäň, at ýaly sagdyn bolarsyňyz» diýip belleýär. Hawa, at münýäniň süňňüniň sagat, kesellere garşy durujylygynyň güýçli, berk bedenli bolýandygyny wagt görkeze-görkeze gelýär.***



**Magtymguly Pyragy bolsa:**

**Ýigidiň bolmasa, ýaragy, aty,**
**Şony belli biliň, ýokdur gaýraty**

diýip, Adam oglunyň gaýratlylyk ýa ejizlik ýagdaýyny hem aty, ýaragy bilen kesgitleýär. Dünýä lukmançylygynda ýol-ulag hadysasyna düşen şikeslileri, dogabitdi maýyplary hem ata mündürip, ippoterapiýa arkaly bejerýärler. Bellenilişi ýaly, ippoterapiýa Ynsan balasynyň ýürek-damar, aşgazan-içege, daýanç-hereket ediş synalarynyň sazlaşykly, kadaly işlemegine oňyn täsir edýär, atlara ideg edýänleriň, bedewli gezelenç edýänleriň synalaryndaky näsazlyklar aýrylyp, nerw ulgamyndaky dartgynlygyň gowşaýandygy, kalbynyň rahatlanýandygy hakynda alymlar belleýärler. Munuň şeýledigini serkerde şahyrymyz Seýitnazar Seýdi bolsa:

**Bedew münen hassa bolsa, sag olur,**
**Çeşmi hyra bolup, keýpi çag olur,**
**Köňli hup açylgan täze bag olur,**
**Ajap gülüstandyr üsti bedewiň**

diýip, tassyklaýar.

Şu ýyl Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanda ilkinji gezek Türkmen bedewiniň milli baýramynyň we Türkmen alabaýynyň baýramynyň bilelikde bellenendigi, özi hem ak şäherimiz Aşgabatda Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň we Halkara «Türkmen alabaý itleri» assosiasiýasynyň merkezleriniň açylandygy bellärliklidir.

Hormatly Prezidentimiz «Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň atşynaslaryna, itşynaslaryna, olaryň janköýerlerine we mähriban halkyma» diýip iberen Gutlagynda: «Gadymy türkmen topragynda pederlerimiz tarapyndan asyrlaryň dowamynda kemala getirilip, umumadamzat gymmatlygyna öwrülen bedewlerimiz we alabaýlarymyz Ýer ýüzünde bar bolan tohum atlaryň we itleriň arasynda dünýäniň iň naýbaşylarynyň biri hasaplanýar. Eýesine wepadarlygy, ýyndamlygy, çydamlylygy bilen halkymyzyň guwanjyna, ýakyn syrdaşyna öwrülen behişdi bedewlerimiz we türkmen alabaýlarymyz il-günümiziň uçar ganatydyr we köňül buýsanjydyr» diýip belleýär. Şeýle hem bu baýramçylyk mynasybetli iň nepis haly, türkmen bedewiniň naýbaşy şaý-sepi, bezeg lybaslary, türkmen bedewiniň iň gowy surat hem heýkel eserleri, iň gowy neşir önümleri, iň gowy telewizion görnüşleri ugurlary boýunça bäsleşikler geçirilip, ýeňijilere gymmat bahaly baýraklar gowşuryldy. At çapyşyklarynda, «2021-nji ýylyň iň owadan ahalteke bedewi» atly halkara gözellik bäsleşiginde, «Ýylyň türkmen edermen alabaýy» atly halkara bäsleşiginde, konkur ýaryşynda ýeňiji bolanlara gymmat bahaly baýraklaryň — awtomobil, pul we beýleki baýraklaryň gowşurylandygy guwandyryjy ýagdaýdyr.

Şu ýyl täze açylan halkara «Türkmen alabaý itleri» assosiasiýasynyň täze toplumynda ilkinji gezek «Ýylyň türkmen edermen alabaýy» atly halkara bäsleşiginiň jemleýji tapgyry geçirilip, onda deslapky bäsleşiklerde ýeňiji bolan türkmen alabaýlarynyň onusy orta çykaryldy. Jemleýji tapgyrda «Ýylyň türkmen edermen alabaýy» atly halkara bäsleşiginiň ýeňijisi bolan ýurdumyzyň Döwlet serhet gullugyna degişli bolan Akhan atly alabaý we onuň eýesi Rejepmyrat Myradow hormatly Prezidentimiziň baş baýragy, Türkmenistanyň «Türkmen edermen» medaly bilen sylaglandy. Döwlet serhet gullugynyň çagyryş boýunça harby gullukçysy, seržant R. Myradowa owadan awtoulagyň açary, ýörite medal, göçme kubok hem-de diplom gowşuryldy.

Gahryman Arkadagymyz: «Ussat seýisleridir çapyksuwarlary taýýarlamak boýunça ýörite okuw merkezleri açylýar. Aşgabat atçylyk sport toplumyndaky bedewleriň päsgelçiliklerden böküp geçmek boýunça bäsleşiklerini guramaga niýetlenen açyk manež ýurdumyzda atly sporty ösdürmäge uly itergi berýär» diýip belleýär. Çünki türkmen bedewleriniň atlary taryhyň sahypalaryna altyn harplar bilen ýazylandyr. 1935-nji ýylda çapyksuwar ildeşlerimiziň otuzysynyň gatnaşmagynda 4300 kilometr aralyga türkmen bedewleriniň gatnaşmagynda Aşgabat—Moskwa atly ýörişine gatnaşmagy, «Arap» atly türkmen ahalteke atynyň geçen asyryň ellinji ýyllarynda 2 metr 12 santimetr beýiklikli päsgelçilikden böküp geçmek arkaly dünýä rekordyny täzelemegi, Perepel atly türkmen bedewiniň 8 metr 78 santimetr uzaklyga bökmek bilen bütin dünýäde rekord goýmagy, Absent atly ahalteke atynyň ýigriminji asyryň ikinji ýarymynda Rim, Tokio, Mehiko şäherlerinde geçirilen bütindünýä olimpiýa oýunlarynda yzly-yzyna üç gezek ýeňiji bolup olimpiýa altyn medallaryna mynasyp bolmagy, şeýle hem Ýanardag atly türkmen bedewiniň 1999-njy ýylda Moskwa şäherinde geçirilen dünýä çempionatynda ýeňiji bolup, altyn medalyň eýesi bolandygy halkara derejesinde milli bedewlerimiziň nä derejede at-abraýyň eýesi bolandygyny görkezýär.

Biziň bu diýýänlerimiz şahyryň dilinde şeýle wasp edilýär:

**Düldüldir, Gyratdyr bedewler şasy,**
**Oňa oturandyr Adam pisindem.**
**At ýaly bolýandyr Ynsan balasy —**
**Ippoterapiýa bejergisinden.**

**Bedew at behişdi, ýigide ýardyr,**
**Düýşde bedew münseň, maksadyň myrat.**
**Goç ýigide üç gymmatlyk hökmandyr,**
**Ýagşy hatyn, hünär, ajap bedew at.**

**Bereket topragym, behişdi bagym,**
**Türkmeniň elmydam rüstemdir döwi.**
**Barlyga howandar Arkadagymyz,**
**Pederleriň bardyr uçar ganaty —**
**Türkmen bedewi!**

***Nazar NAZAROW,***
***Ak bugdaý etrabynyň Berkarar***
***oba medeniýet öýüniň başlygy.***



**Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW:**

*– Türkmenistanlylaryň saglygy barada hemmetaraplaýyn alada etmek ata Watanymyzyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugrudyr.*

# IL SAGLYGY – ÝURT BAÝLYGY

Biziň il saglygy ýurt baýlygyna deňelýän ajaýyp Diýarymyz bar. Gahryman Arkadagymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde milli saglygy goraýyş ulgamy ýokary derejelere ýetirildi. «Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň kabul edilmegi we yzygiderli durmuşa geçirilmegi türkmenistanlylara häzirki zaman lukmançylyk hyzmatlaryndan peýdalanmaga giň mümkinçilik döretdi. Bu maksatnamanyň çäklerinde häzirki zaman lukmançylyk merkezleri, saglyk öýleri, şypahanalar, sport desgalary, derman senagaty kärhanalary we milli saglygy goraýyş ulgamyny täze belentliklere göteren beýleki döwletli desgalar guruldy.

Garaşsyz Watanymyzda her ýylyň 7-nji aprelinde Bütindünýä saglyk güni giňden bellenip geçilýär. Şeýle-de, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 2018-nji ýylyň 12-nji aprelindäki 72-nji mejlisiniň 82-nji maslahatynda biziň ýurdumyzyň başlangyjy esasynda her ýylyň 3-nji iýunyny Bütindünýä welosiped güni diýip yglan etmek hakynda Rezolýusiýa kabul edildi. Sportuň ekologiýa taýdan arassa görnüşleriniň biri hasaplanylýan welosiped sportunyň wagyz edilmeginde möhüm ähmiýeti bolan «Welosiped» binasy 2020-nji ýylyň 3-nji iýunynda Bütindünýä welosiped gününiň dabaraly bellenilýän baýramçylygynda gözel paýtagtymyzyň Çandybil şaýoly bilen Bekrewe köçesiniň çatrygynda açyldy.

Ýurdumyzda bu baýramlaryň giňden bellenilmegi, oňa raýatlarymyzyň uly ruhubelentlik we höwes bilen gatnaşmagy Türkmenistanda ynsan saglygynyň esasy girewi hasaplanýan bedenterbiýäniň we sportuň has-da ösdürilýändigini aňladýar. Şeýle hem her ýylda Gahryman Arkadagymyzyň Permany bilen Saglygy goraýyş we derman senagaty işgärleriniň gününiň bellenilmegi hormatly Prezidentimiziň lukmanlara, derman senagaty işgärlerine, olaryň alyp barýan jogapkärli we hormatly işlerine uly sarpa goýýandygynyň alamatydyr.

Häzirki wagtda Arkadag Prezidentimiziň ýurdumyzy senagat taýdan ösen döwletleriň birine öwürmek we senagat pudagyny toplumlaýyn ösdürmek barada öňde goýýan wezipelerinden ugur alyp, biziň «Türkmendemirönümleri» döwlet kärhanamyzda hem uly zähmet üstünlikleri gazanylýar. Kärhanada ýurdumyzyň çäklerinde bar bolan gara demir bölekleri we galyndylary ýygnalyp, gaýtadan işlenilýär hem-de dürli hilli, ýokary talaplara laýyk gelýän demir önümleri öndürilýär we ýurdumyzyň welaýatlarynda hem-de Aşgabat şäherinde giň gerimde alnyp barylýan gurluşyklar dürli görnüşli we ölçegli sozulan demir önümleri bilen üpjün edilýär.

Kärhanamyzda saglygyň ýaşaýşyň, tutanýerli zähmet çekmegiň gözbaşydygyna oňat düşünilýär. Kärhanada Saglygy goraýyş gullugy bolup, ol öz işini tassyklanan düzgünnama we düzülen meýilnama laýyklykda alyp barýar. Gullukda geçirilýän işlerde we çärelerde hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ensiklopedik işinden giňden peýdalanylýar.

Kärhananyň Saglygy goraýyş gullugy lukmançylyk hyzmatlaryny etmek üçin gerek bolan enjamlar we dermanlar hem-de wagyz ediji ýazgylar bilen üpjün edilen. Şeýle hem kärhananyň ähli iş ýerlerinde derman gutulary bar we olardaky dermanlaryň üsti yzygiderli doldurylýar.

Gullugyň lukmanlary tarapyndan işgärleriň saglygyny goramak, muňa bildirilýän talaplary we arassaçylyk kadalaryny berk berjaý etmek, keselleriň öňüni almak, saglyga ünsli bolmak hem-de ýarawsyzlygyň we kesellemegiň ilkinji alamatlary ýüze çykan ýagdaýynda lukmançylyk nokadymyza ýüz tutmak barada yzygiderli düşündiriş işleri geçirilýär. Şeýle hem häzirki wagtda howply ýiti ýokanç kesellere garşy öňüni alyş çärelerini geçirmek boýunça işler bu meselä ünsli çemeleşmek bilen amala aşyrylýar. Işgärler bilen olaryň şahsy gigiýenasy we iş ýerleriniň, daş-töweregiň arassaçylygy barada, saglygyňy goramak üçin bildirilýän talaplar we olary berjaý etmegiň ähmiýeti hakynda wagyz-nesihat işleri guralýar. Kärhananyň naharhanasynyň arassaçylgy, iýmitleriň hili we işgärleriň gorag serişdeleri bilen üpjün edilişi, olardan peýdalanylyşy we olaryň agyz-burun örtüklerini dakynyşlary yzygiderli barlanylýar.

Kärhanada işgärlere talaba laýyk lukmançylyk hyzmatyny etmek, lukmançylyk taýdan kömek bermek we gözegçilik etmek, degişli işgärleri lukmançylyk gözegçiliginden geçirmek hem-de beýleki çäreleri guramak boýunça işler alnyp barylýar.

Biz Arkadag Prezidentimiziň «Her bir raýatyň saglygy milletiň sagdynlygynyň esasydyr» diýen sözlerinden ugur alyp, mundan beýläk hem ak ýürekden zähmet çekeris.

Goý, halkymyzyň jan saglygy hakynda uly aladalar edýän Gahryman Arkadagymyzyň jany sag, ömri uzak, alyp barýan beýik işleri hemişe rowaç bolsun!

***Annageldi MÄMMETMYRADOW,***
***«Türkmendemirönümleri» döwlet kärhanasynyň Saglygy goraýyş gullugynyň lukmany.***

**Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW:**

*— Biz ylmy işläp taýýarlamalar önümçilige näçe tiz ornaşdyrylsa, onuň ähmiýetiniň hem şonça ýokary bolýandygyndan ugur almalydyrys.*

# DÖWLET MAKSATNAMASY – SENAGAT ULGAMYNDA

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2020-nji ýylyň 16-njy oktýabrynda çykaran Karary bilen tassyklanan, «Türkmenistanda himiýa ylmyny we tehnologiýalaryny toplumlaýyn ösdürmegiň 2021 — 2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy" kabul edildi. Arkadag Prezidentimiz ýurdumyzda alnyp barylýan ähli işleriň ylmy taýdan esaslandyrylan bolmalydygyna aýratyn ünsi çekip, hut Özüniň başlangyjy bilen kabul edilen bu Döwlet maksatnamasynda hem, ykdysadyýetimizde amala aşyrylýan özgertmeleriň çäklerinde ylmyň tutýan ornuny ýokarlandyrmagy baş maksat edip belledi. Has takygy, bu ugurda alnyp barylmaly işleri himiýa ylmynyň we täze himiki tehnologiýalaryň esasynda ekologiki taýdan arassa, energiýa we sarp edilýän harajatlary tygşytlaýjy, daşary ýurtlardan getirilýän hem-de bäsleşige ukyply önümleri öndürmegiň innowasion we sanly tehnologiýalaryny işläp düzmäge gönükdirdi. Hut şonuň üçin hem Döwlet maksatnamasynyň esasy wezipeleri ýurdumyzdaky çig mallary gaýtadan işlemek boýunça we beýleki hereket edýän önümçilikleri ylmy esasda ýola goýmagy üpjün etmekden, mahlasy senagatyň ähli pudaklarynda ýokary hilli önümleri almagyň ylmy esaslaryny we tehnologiýalaryny işläp düzmekden, şeýle hem bu ugurda kämil, döwrebap hünärmenleri taýýarlamakdan we daşary ýurtlaryň degişli ylmy edaralary bilen ylmy hyzmatdaşlygy ösüdrmekden ybaratdyr. Has takygy Döwlet maksatnamasynyň esasy wezipeleriniň çäklerinde ýurdumyzda daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan we bäsleşige ukyply önümleriň önümçilik tehnologiýalaryny işläp düzmek, nebiti we gazy gaýtadan işlemek, täze önümleriň görnüşlerini artdyrmak, mineral we organomineral dökünlerini ýerli howa şertlerine görä zyýansyzlandyryş erginleriniň täze görnüşlerini, şeýle hem azyk, oba hojalygy, gurluşyk we dokma senagaty üçin zerur bolan serişdeleri almak boýunça köp taraplaýyn ylmy-barlag işlerini amal etmek öz beýanyny tapýar. Elbetde, senagat ulgamyndaky köp ugurly önümçilikleriň kämilleşdirilmegi we olara innowasion tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy ýurdumyzyň ykdysady öňegidişliklerini has-da ýokarlandyrjakdygy öz-özünden düşnüklidir. Şonuň üçin Döwlet maksatnamasynda we ony amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli işleriň meýilnamasynda esasy orun senagat ulgamyna degişlidir.



Milli Liderimiziň başlangyç-tagallasy netijesinde kabul edilen şol Döwlet maksatnamasynda öňe çykarylan wezipeleri ýerine ýetirmek üçin, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Himiýa institutynda hem köp taraplaýyn ylmy-barlag we önümçilik tejribe synag işlerini geçirmek göz öňünde tutulýar. Ilki bilen bellemeli ýagdaýlaryň bir hem institutda bu ugurdan «Senagat himiýasy» barlaghanasynyň açylmagy we işe başlamagy, senagata degişli ylmy-barlag işleriniň ösüşiniň ýene-de giňejekdiginden habar berýär. Umuman, TYA-nyň Himiýa institutynda «Türkmenistanda himiýa ylmyny we tehnologiýalaryny toplumlaýyn ösdürmegiň 2021–2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy» amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli ylmy-barlag işleriň gidişinde ýurdumyzyň senagat ulgamyna degişli köpsanly ylmy temalar alnyp barylar. Şol ylmy-barlaglar netijesinde bolsa, önümçilikleriň netijeliligini ýokarlandyrmaga degişli ylmy esaslandyrmalara garaşylýar. Şonuň üçin hem, TYA-nyň Himiýa institutynda Döwlet

maksatnamasyna laýyklykda meýilleşdirilen, senagat ulgamyna degişli ylmy temalar barada aýratyn durup geçmegi makul bildik.

«Türkmenistanyň düzüminde demir saklaýan magdanlaryny ulanyp, sement klinkeriniň çig mal garyndysyny taýýarlamagyň ylmy esaslary» diýen ylmy tema. Bu tema boýunça ýerine ýetirilmeli ylmy-barlaglaryň gidişinde, esasan, ýerli çig mallary, şol sanda düzüminde demir saklaýan magdanlary giňişleýin öwrenilip, sement önümçiligini şoňa laýyklykda ýola goýulmagyna ylmy esaslandyrmalar taýýarlanylýlar. Bu bolsa, ýerli çig mallara esaslanýan önümçilikleriň sanawynyň artmagyna getirer.

«Ýerli çig mallary ulanyp, dokma önümleri üçin tebigy boýaglary almagyň ylmy esaslary» diýen ylmy tema. Ýurdumyzyň dokma senagatynyň önümçiliklerinde ulanylýan esasy çig mallaryň biri hem dürli öwüşginli boýaglardyr. Bu çig mallar bolsa daşary ýurtlardan getirilip, ony ýerli serişdeler bilen çalyşmak ýaly möhüm meselelere oňyn çözgüt edilmegine itergi berýän ylmy-barlaglar şu temanyň çäklerinde ýerine ýetiriler. Hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly kitaplaryndan belli bolşy ýaly, ýurdumyzyň ösümlikler dünýäsi örän baýdyr we köpdürlidir. Şol ösümlikleriň köpüsiniň dermanlyk häsiýetleri bilen bir hatarda, boýaýjylyk ukybynyň hem bardygy bellidir. Onda şol ösümliklerden alynjak tebigy boýaglar geljekde ýurdumyzyň dokma önümlerini bezär. Hut şonuň üçin hem öňde bu ugurdan saldamly ylmy işler garaşýar.

«Fosfogipsden ammoniý sulfatyny we gurluşyk hekini almagyň ylmy esaslary» diýen ylmy tema. Bu ugurdan alnyp barylmaly ylmy barlaglar bir tarapdan, himiýa senagatynyň esasy ugurlarynyň biri bolan dökün himiýa önümini almaklyga, beýleki tarapdan bolsa senagatyň gurluşyk önümlerini öndürmeklige gönükdiriler. Şeýlelikde, fosfogipsden ammoniý sulfatyny we gurluşyk hekini almagyň ylmy usuly ilkinji gezek işlenip düzüler.

«Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda emele gelýän aşgar galyndylaryny peýdaly ulanmagyň usullaryny işläp düzmek» diýen ylmy tema. Elbetde, bu ugurdan galyndylaryň gaýtadan işlenilmegi, nebit himiýa senagatynyň gerimini giňeldip, täze önümçilikleriň peýda bolmagyna ýol açar. Şonuň üçin hem nebit himiýasy boýunça ýerine ýetiriljek şeýle ylmy-barlaglar naftenatlary almagyň amatly usullaryny işläp düzmäge esas bolar.

«Ýokary ýag-karbon we nebit-karbon kislotalaryň esasynda senagat ähmiýetli birleşmeli almagyň ylmy esaslary» diýen ylmy tema. Senagat ähmiýetli birleşmeler, ilkinji nobatda, üst işjeňligi ýokary bolan birleşmeler degişli bolup, olary ýokary ýag-karbon we nebit-karbon kislotalaryndan almak mümkinçiligi ýokarydyr. Ine, bu ylmy temada himiýa we nebit-gaz senagatynda ulanylmaga degişli bolan birleşmeleri almagyň amatly usullary işlenip düzüler.

«Senagat galyndylaryndan we ýerli çig mallardan ýyladyşhanalar üçin dürli görnüşli dökünleri almagyň ylmy esaslary» diýen ylmy tema. Bu temanyň çäklerinde ýurdumyzda ilkinji gezek ýyladyşhanalarda ulanylýan dökünleri almak boýunça ylmy-barlag we seljerme işleri geçiriler. Bu bolsa senagat galyndylary ýerli çig mallar bilen işlenilende, olaryň täze önümleriniň emele gelmegine getirer diýildigidir.

«Mirabilitden kalsinirlenen sodany we mineral dökünleri almagyň ylmy esaslary» diýen ylmy tema. Minerallary gaýtadan işlemek boýunça ýerine ýetirilmeli ylmy barlaglar ileri tutulýan ugurlara degişli bolup, bu ylmy-tema hem şolaryň hataryndadyr. Ýerli çig mal bolan mirabilitden diňe bir iýmit sodasyny däl, eýsem mineral döküni hem almagyň ylmy esaslarynyň işlenip düzülmegi ýurdumyzyň azyk we himiýa senagaty üçin örän ähmiýetlidir. Şonuň üçin hem bu ugurdan geçirilmeli ylmy-barlaglar hut şol ähmiýetli tarapa gönükdiriler.

«Garabogaz» aýlagynyň duzly şerebeli toplumlaýyn gaýtadan işlemegiň ylmy esaslary» diýen ylmy tema. Ýurdumyzyň himiýa senagatynyň düzümindäki önümçilikleriň sanynyň artmagyna getirjek bu ugurdaky geçiriljek ylmy-barlaglar netijesinde alynjak maglumatlar, dürli duzlaryň önümçiliginiň täze tehnologiýalarynyň işlenip düzülmegine esas bolar. Şeýlelikde, ýurdumyzyň himiýa we nebit-gaz senagatynda ulanyljak önümler peýda bolar.

«Ýerli çig mallardan kalsiti we adsorbentleri almaklygyň usuly» diýen ylmy tema. Bu ugurdaky geçirilmeli işleriň gidişinde ýerli çig mallardan kalsitiň önümçiliginiň ýola goýulmagyna getirjek ylmy-gözlegler dowam etdiriler. Şeýle hem senagatyň dürli pudaklarynda ulanylmaga degişli bolan adsorbenleri almagyň ylmy usullary hem işlenip düzüler.

«Düzüminde işjeň kremniý oksidini saklaýan ýerli çig mallaryň esasynda ýokary hilli mineral goşundyly sementi öndürmegiň tehnologiýasyny işläp düzmek» diýen ylmy tema. Sement betonynyň durnuklylygy ilkinji nobatda sementiň hiline baglydyr. Bu ugurda sement betonynyň durnuklylylygyny üpjün edýän ýagdaýlaryň esasysy, düzüminde işjeň kremniý oksidini saklaýan mineral goşundylary goşup, ýokary hilli sement öndürilmegini gazanmakdyr. Hut şonuň üçin hem sement önümçiligi bilen bagly bu ylmy tema boýunça alnyp barylmaly işler sement öndürmegiň nanotehnologiýasyny işläp düzmeklige ugrykdyrylýar. Özi hem ýokary hilli mineral goşundyly sementiň önümçiligini ýerli çig mallaryň esasynda ýola goýmakgyň göz öňünde tutulýandygy aýratyn bellenmäge degişlidir.

«Şeker we çakyr kärhanalarynyň esasynda zyýansyzlandyryjy erginleriň alnyşy» diýen ylmy tema. Şeker we çakyr kärhanalarynyň önümçiliginde emele gelýän siwuş ýaglary gaýtadan işlemäge degişli bolup, olaryň esasynda derman senagatynda ulanylmaga niýetlenen önümleri almak mümkinçilikleriniň bardygyna degişli ylmy maglumatlar tassyklaýar. Şonuň üçin hem bu ylmy temanyň gidişinde derman senagatynda ulanyljak, täze görnüşi zyýansyzlandyryjy erginleriň alynmagyna garaşylýar.

«Ýag-karbon kislotalarynyň we ýoduň esasynda biologiki işjeň birleşmeleriň alnyşy» diýen ylmy tema. Biologiki işjeňligi ýüze çykarýan maddalaryň dermanlyk häsiýetleriniň bardygy ylmy çeşmelerden mälimdir. Onda bu ylmy işde ýerli çig mallaryň esasynda derman senagatynda ulanylmaga degişli bolan biologiki işjeň maddalary almagyň ylmy esaslary ilkinji gezek işlenip düzüler.

«Polimer we plastik materiallary gaýtadan işlemegiň ylmy usullary» diýen ylmy tema. Ýokary hilli gurluşyk önümini öndürmäge gönükdirilen bu ylmy temada ýerine ýetiriljek ylmy-barlaglaryň esasynda polimer we plastiki materiallary gaýtadan işlemegiň täze usullary ilkinji gezek işlenip düzüler.

«Önümçilikde ulanylýan mineral ýaglary gaýtadan peýdalanmagyň ylmy esaslaryny işläp düzmek» diýen ylmy tema. Zyňyndy hökmünde emele gelýän mineral ýaglar gaýtadan işlenilse, döwlet standartyna laýyk önüm derejesine ýetirip boljakdygy bellidir. Şonuň üçin hem bu ugurdaky amal edilmeli ylmy gözlegleri, ýerli çig mallary ulanyp, mineral ýaglary regenerasiýa etmekligiň tehnologiýasyny işläp düzmek boýunça dowam etdiriler.

Hormatly Prezidentimiziň beýik başlangyçlary bilen öňe sürilen bu Döwlet maksatnamasy kesgitlenen ugurlar boýunça düýpli ylmy-barlaglary geçirmäge badalga bolar. Şol ylmy-barlaglaryň netijesinde bolsa, öňde duran meseleleriň oňyn çözgütlerine garaşylýar. Elbetde, ylmy-barlaglaryň gidişinde oňyn çözgütleriň ediljekdigi şübhesizdir. Sebäbi ýurdumyzyň ylmy jemgyýetçiligi tarapyndan bu Döwlet Maksatnamasy uly ynam bilen kabul edildi. Ynam bolsa diňe ösüşlere alyp barýar.



***Rejepnur NURBERDIÝEW,***
***TYA-nyň Himiýa institutynyň***
***«Senagat himiýasy» barlaghanasynyň***
***müdiri, himiýa ylymlarynyň kandidaty.***

**Президент Туркменистана Гурбангулы БЕРДЫМУХАМЕДОВ:**

*— Наша Отчизна превращается в динамично развивающееся государство в социально-экономическом плане инновационных технологий успешно интегрируется в мировую научную сферу.*

# РАЗВИТИЕ ЭЛЕКТРОННОЙ ПРОМЫШЛЕННОСТИ ТУРКМЕНИСТАНА



***Электронная промышленность — промышленность по производству электронных компонентов и изделий из них — это сложнейшая наукоёмкая техника.***

Электронная промышленность — часть научно-технической революции, роль научного потенциала стран и фирм в разработке новых (инновационных) видов и типов её продукции и создании совершенных технологий производства чрезвычайно велика. Это предопределило тесное сотрудничество между научно-исследовательскими учреждениями и производственными предприятиями.

Производители электроники уже провели цифровизацию различных этапов процесса подготовки производства. При этом в различных сочетаниях используются следующие подходы:

• интегрированная разработка процессов сборки и испытаний электронных устройств;

• управление запуском производства, виртуальные испытания с целью контроля конструкторско-технологических проектных решений;

• оптимизация производства с применением интегрированных средств разработки компоновок оборудования и численного моделирования;

• управляемые моделями процессы изготовления деталей и пресс-форм;

• сотрудничество с поставщиками при передаче производства электроники сторонним изготовителям;

Вне всякого сомнения, цифровизация повышает качество технологического проектирования и ускоряет оценку различных вариантов технологических процессов. В результате растёт эффективность всех производственных операций. Концепция производства в электронной промышленности даёт существенные конкурентные преимущества в текущей рыночной ситуации, когда требуются быстрый запуск новых изделий, персонализация и высокое качество выпускаемой продукции.

В условиях рыночной конкуренции потребовалось резко сократить временной интервал между разработкой изделия и его выпуском. В нашей стране уважаемым Президентом Туркменистана в 2015 году была утверждена комплексная программа электронной промышленности. С тех пор



осуществляется производство разных электронных технологий. Одобрив идею о производстве отечественных смарт – телевизоров, Президент Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов подчеркнул, что наша страна имеет хорошие перспективы для развития современного производства, в том числе в сфере электронной индустрии, для создания совместных предприятий и отметил, что к работе в данном направлении следует активнее привлекать отечественный частный сектор.

По госпрограмме создания электронной промышленности в Туркменистане открылись Хозяйственные общества и малые предприятия. В 2017 году на этих предприятиях начали производить LED лампы различных размеров. А в 2018 году на этих предприятиях начали производить детские компьютеры, в 2019 году – прожекторы разного вида для освецения дорог, в 2020 году начали производить Smart телевизоры бренда «Tolkun» и «Zemin» по технологии китайской компании Xin Hong Bo Trading Limited.

В настоящее время совместно с Центром молодых учёных института Телекоммуникаций и информатики Туркменистана производят инновационные технологии, исследование которых под руководством преподавателей проводят молодые учёные института.

На каждом этапе подготовки производства легко заметить разницу между подобным подходом, когда точные и проверенные модели изделий и процессов создаются и распространяются по всему предприятию. Среди основных отличий:

• конструкции становятся более надёжными и технологичными;

• улучшается совместная работа конструкторских, технологических и производственных подразделений;

• уменьшается количество ошибок в технологических процессах;

• внедряются передовые технологические процессы;

• обеспечивается точность и актуальность технологической документации;

• проводится сбор данных и контроль ключевых показателей;

• осуществляется переход к более разнообразной программе выпуска без снижения эффективности производства.

На этом достигнута высокая экономическая эффективность всего цикла — от момента появления новой идеи до массового выпуска товара.

Учёными в рамках действующей госпрограммы ведётся освоение новых технологических уровней микро - и нано технологий.

Блогодаря заботе уважаемого Президента Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедова для успешной реализации Президентской Программы электронной промышленности в институте Телекоммуникаций и информатики ввели новые специальности: система электронной безопасности и промышленная электроника. Мы надеемся, что студенты нашего института внесут вклад в развитие электронной промышленности нашей страны.

**ЛИТЕРАТУРА:**

1. © 1997—2020 Универсальная научно-популярная энциклопедия Кругосвет.
2. Умное производство в электронной промышленности. Полностью цифровая стратегия, объединяющая проектирование печатных плат и механических узлов. Компания Siemens PLM Software, 2019.
3. Карпухина Н. Н. Модели развития электронной промышленности. Московский государственный университет приборостроения и информатики, 2013.

***Огулджерен ХАНСАРЫЕВА,***
***Преподаватель института***
***телекоммуникаций и информатики Туркменистана.***

# SEMENTI «ÖL» USULDA ÖNDÜRÝÄN ZAWODLARYŇ ONÜMÇILIK GALYNDYLARYNY GAÝTADAN ULANMAGYŇ MÜMKINÇILIKLERI

***Hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistanda himiýa ylmyny we tehnologiýalaryny toplumlaýyn ösdürmegiň 2021 — 2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynda» tebigy baýlyklarymyzy rejeli hem-de netijeli peýdalanylmak strategik taýdan möhüm ähmiýetli wezipe hasap edilýär[1]. Tebigy baýlyklarymyzy rejeli ulanmakda önümçiligiň zyňyndysyz tehnologiýalaryny işläp düzmek wajyp meseleleriň biri bolup durýar.***

Maksatnamada öňe sürülýän wezipelerden ugur alyp, Türkmenistanyň Senagat we Gurluşyk önümçiligi ministrliginiň Bäherden sement zawodynyň önümçilik meýdançasynyň klinker bişirilýän peçlerinde emele gelýän önümçilik galyndylaryny (tozan görnüşli klinker külkesini) arassalap, gaýtadan, klinker taýýarlamakda ulanmagyň tehnologik shemasy işlenip düzüldi [2]. Shemada zyňylýan gazlary arassalamak üçin Wenturiniň skrubberini ulanmak göz öňünde tutulýar. Onda gazyň düzümindäki tozan «öl» görnüşde tutulýar we tozan erginiinden ybarat bolan şlam emele gelýär.

Işlenip düzülen shema laýyklykda, skrubberde tutulan tozandan emele gelen şlam durlaýjyda dykyzlandyrylyp, çig mal garyndysyny «öl» görnüşde üweýän degirmene berilýär we klinker taýýarlamakda ulanylýar. Degişlilikde sarp edilýän çig mallaryň mukdary tygşytlanylýar. Ondan başga-da zyňylýan gazy tozandan arassalamak we tutulan tozany önümçilikde gaýtadan ulanmak zawodyň ykdysady görkezijilerini we ekologik howpsuzlyk derejesini ýokarlandyrar.

Sementi «öl» usulda öndürýän zawodlaryň klinker peçlerinden zyňylýan tozany arassalamakda Wenturiniň skrubberini ulanmagyň mümkinçiliklerini barlamak üçin öndürijiligi 100 m3/sag bolan eksperimental gurluş döredildi.

Geçirilen synag-barlag işleri netijesinde, eksperimental gurluşda emele gelýän şlamyň we ondan zyňylýan gazyň hil görkezijilerine esaslanyp, gurluşa berilýän gazlaryň doly arassalanýandygyna, tutulan tozan bölejikleriniň suw bilen garyşyp şlama öwrülýändigine göz ýetirildi.

Tutulan tozany klinker taýýarlamakda ulanmagyň mümkinçiligini barlamak üçin degişli hasaplamalar we himiki derňewler geçirildi. Bäherden sement zawodynyň önümçilik meýdançasynyň sement önümçiliginiň tehnologiki reglamentine laýyklykda, 1 tonna klinker öndürmek üçin 1810 kilogram çig mal garyndysy sarp edilýär. Resminama laýyklykda, klinker öndürilende ýüze çykýan umumy ýitgi Ö. Ý=44,75%-e barabardyr. Tejribeler esasynda çig mal garyndysynyň gyzdyrma ýitgisiniň G. Ý = 34,14%-e barabardygy ýüze çykaryldy.

Umumy önümçilik ýitgisinden çig mal garyndysynyň gyzdyrma ýitgisini aýyrmak bilen önümçilik galyndysy (tozanyň tutýan mukdar bölegi) kesgitlenildi, ýagny

ÖG = Ö.Ý - G.Ý = 44,75 – 34,14 = 10.6%.

Şeýlelikde, 1 tonna klinker öndürmek üçin sarp edilýän çig mal garyndysynyň 10,61 % - i tozan görnüşdäki ýitgidir. Degişlilikde, klinker taýýarlamak üçin sarp edilýän çig mal garyndysynyň 192 kilogramy peçden tozan görnüşinde daşky gurşawa bölünip çykýar. Zawodyň önümçilik meýdançasynda 1 tonna 400 markaly portlandsement öndürmek üçin ortaça 935 kilogram klinker we 65 kilogram gips harç edilýär. Onda önümçilik meýdançasynda 1 tonna sement öndürilende emele gelýän tozanyň (klinker külkesiniň) mukdary takmynan 180 kilograma barabar bolar.

Emele gelýän önümçilik galyndysyny gaýtadan ulanmagyň mümkinçiliklerini öwrenmek üçin, bu ugurda tejribe işleri geçirildi. Ilkinji nobatda emele gelýän galyndynyň we çig mal garyndysynyň himiki düzümi kesgitlenildi. Alnan maglumatlar 1-nji tablisada getirilýär.

***1-nji tablisa. Bäherden sement zawodynyň önümçilik meýdançasynda ulanylýan çig mal garyndysynyň we emele gelýän önümçilik galyndysynyň himiki düzümi***

| Material | Himiki düzümi, % | | | | | | Gyzdyrma ýitgisi, %1 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | $SiO_2$ | $Al_2O_3$ | $Fe_2O_3$ | CaO | MgO | $SO_3$ | |
| Çig mal garyndysy | 13,48 | 3,85 | 2,81 | 42,21 | 1,33 | 0,24 | 34,14 |
| Önümçilik galyndysy | 17,64 | 4,37 | 2,54 | 45,67 | 1,90 | 0,95 | 20,64 |

Tablisadan görnüşi ýaly, çig mal garyndysynyň we şol önümçilikde emele gelýän galyndynyň himiki düzümi we gyzdyrma ýitgisi biri-birinden tapawutlanýar. Bu tapawut önümçilik galyndysyny çig mal garyndysyna goşup, gaýtadan ulanmak mümkinçiligini aradan aýyrýan ýalydyr. Önümçilik galyndysyny çig mal garyndysyna goşup ulanmak mümkinçiliklerine gutarnykly baha bermek üçin olary doly kalsinasiýa geçirip, himiki düzümlerini öwrenmegiň zerurlygy ýüze çykdy. Şol sebäpli 1-nji tablisadaky getirilen materiallary 950°C-a çenli gyzdyryp, kalsinasiýa geçirildi we olaryň himiki düzümleri gaýtadan kesgitlenildi (2-nji tablisa).

***2-nji tablisa. Çig mal garyndysynyň we emele gelýän önümçilik galyndysynyň himiki düzümi***

| Material | Himiki düzümi, % | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | $SiO_2$ | $Al_2O_3$ | $Fe_2O_3$ | CaO | MgO | $SO_3$ |
| Kalsinasiýadan soňky çig mal garyndysy | 20,47 | 5,85 | 4,27 | 64,10 | 2,02 | 0,37 |
| Kalsinasiýadan soňky önümçilik galyndysy | 22,22 | 5,51 | 3,2 | 57,54 | 2,39 | 1,19 |

Kalsinasiýadan soň önümçilik galyndysynyň we çig mal garyndysynyň himiki düzüminiň ýakynlaşmagy klinkerleşme prosessine ikisiniň hem gatnaşyp bilýändigini görkezýär. Bu bolsa önümçilik galyndysyny çig mal garyndysyna goşup, sement önümçiliginde ulanmak mümkinçiliginiň bardygyny görkezýär.

Ýokarda getirilen hasaplamalara esaslanyp, klinker bişirilende emele gelýän önümçilik galyndysynyň göwrüminiň çig mal garyndysy 10 göterime barabar diýip kabul edildi we 9 bölek çig mal garyndysyna bir bölek önümçilik galyndysy goşulyp taýýarlanan garyndynyň himiki düzümi kesgitlenildi, ýagny kremniý oksidi - $SiO_2$ -13,85 %; alýumin oksidi - $Al_2O_3$ -3,90%;

Demiriň oksidi - $Fe_2O_3$ -2,79%; kalsiniň oksidi - CaO - 42,56%;

magniniň oksidi - MgO – 1,4%; kükürdiň oksidi - $SO_3$ -0,31%;

gyzdyrma ýitgisi – 32,79%.

9:1 gatnaşykda taýýarlanan şlamdan alnan klinkeriň himiki düzümi we häsiýetlendiriji görkezijileri kesgitlenildi. Barlagyň netijeleri baradaky maglumatlar 3-nji tablisada görkezilýär.

3-nji tablisadan görnüşi ýaly, bu ýagdaýda emele gelýän klinkeriň himiki düzümi we häsiýetlendiriji görkezijileri talaba laýykdyr [3]. Çig mal garyndysyny we önümçilik galyndysyny 9:1 gatnaşykda goşulyp taýýarlanan klinkerden portlandsement alnyp, onuň häsiýetlendiriji görkezijileri kesgitlenildi we ol ýurdumyzda hereket edýän standarta laýykdyr [5]. Barlaglaryň netijeleri 4-nji tablisada getirilýär.

***3-nji tablisa. Çig mal garyndysyna önümçilik galyndysyny 9:1 gatnaşykda goşup taýýarlanan klinkeriň himiki düzümi we beýleki görkezijileri***

| Nusgalar | Himiki düzümi, % | | | | | | LSF | TM | SM | $C_3S$ | $C_2S$ | $C_3A$ |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | $SiO_2$ | $Al_2O_3$ | $Fe_2O_3$ | CaO | MgO | $SO_3$ | | | | | | |
| 1 | 20,60 | 5,80 | 4,15 | 63,32 | 2,08 | 0,46 | 94,0 | 1,39 | 2,10 | 57,85 | 17,10 | 8,03 |
| 2 | 21,0 | 5,82 | 4,20 | 63,86 | 2,02 | 0,51 | 95,0 | 1,38 | 2,10 | 58,53 | 16,92 | 7,98 |
| 3 | 21,2 | 5,91 | 4,23 | 64,01 | 1,86 | 0,48 | 93,0 | 1,40 | 2,10 | 58,92 | 17,81 | 8,04 |
| 4 | 22,02 | 5,88 | 4,28 | 65,65 | 1,92 | 0,53 | 95,0 | 1,37 | 2,17 | 59,12 | 16,17 | 7,73 |
| 5 | 21,83 | 5,78 | 4,06 | 65,52 | 1,96 | 0,44 | 93,0 | 1,42 | 2,22 | 59,12 | 17,82 | 8,02 |
| 6 | 22,16 | 5,62 | 4,19 | 66,12 | 1,86 | 0,42 | 95,0 | 1,34 | 2,00 | 58,26 | 16,35 | 7,91 |
| 7 | 22,26 | 6,13 | 4,32 | 66,26 | 1,83 | 0,41 | 92,0 | 1,42 | 2,13 | 59,32 | 16,93 | 8,06 |
| 8 | 22,08 | 6,04 | 4,26 | 66,19 | 1,92 | 0,49 | 92,0 | 1,42 | 2,14 | 58,91 | 16,81 | 7,88 |

**4-nji tablisa. Önümçilik galyndysyny gaýtadan ulanyp alnan sementiň häsiýetlendiriji görkezijileri**

| Nusga | TM | SM | LSF | Disperslilígi, % 45 μm | Berkligi, MPa | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | 2 gije-gündiz | 7 gije-gündiz | 28 gije-gündiz |
| 1 | 1,42 | 2,12 | 94,0 | 5,2 | 28,1 | 41,8 | 49,3 |
| 2 | 1,41 | 2,10 | 95,0 | 4,8 | 27,9 | 41,6 | 49,5 |
| 3 | 1,39 | 2,16 | 96,0 | 4,9 | 29,2 | 42,4 | 50,2 |
| 4 | 1,44 | 2,19 | 93,0 | 5,1 | 28,3 | 42,2 | 50,6 |

Geçirilen tejribeleriň esasynda Bäherden sement zawodynyň önümçilik meýdançasyndaky sement önümçiliginde emele gelýän galyndyny gaýtadan ulanmak boljakdygy anyklandy.

**NETIJE:**

1. Bäherden sement zawodynyň önümçilik meýdançasynyň sement önümçiliginde çig mal garyndysy peje berlende, şol garyndynyň tozanyndan önümçilik galyndysynyň emele gelýändigi öwrenildi;

2. Emele gelýän önümçilik galyndysynyň himiki düzümi kesgitlenip, ol çig mal garyndysynyň düzümi bilen deňeşdirildi. Olaryň düzüminiň we gyzdyrma ýitgisiniň biri-birinden tapawutlanýandygy ýüze çykaryldy. Kalsinasiýadan soň şol aratapawutlaryň aradan aýyrylýandygy anyklanyldy;

3. Sement önümçiliginiň gidişinde 10%-e golaý galyndynyň emele gelýändigi ýüze çykaryldy we ony çig mal garyndysyna goşup ulanyp boljakdygy subut edildi.

**EDEBIÝAT:**

1. Hormatly Prezidentimiziň Türkmenistanda himiýa ylmyny we tehnologiýalaryny toplumlaýyn ösdürmegiň 2021–2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2020-nji ýylyň 16-njy oktýabrynda çykaran 1957-nji Karary bilen tassyklanyldy.

2. Orazow P. Kelete sement zawodyndan zyňylýan tozanlary gaýtadan ulanmagyň ekologiki we ykdysady ähmiýeti. «Bilim» žurnaly, 2020. № 4 (58), 22-23-nji sah.

3. Sement önümçiligi üçin klinker. Tehniki şertler. TŞ 01855005-01-2016.

4. Временный технологический регламент производства цемента на производственной площадке Бахарденского цементного завода, Ашгабад, 2021. - 91 с.

5. Портландцемент и шлакопортландцемент. Технические условия. Главная государственная служба «Туркменстандартлары». TDS 753-2015. Ашгабад, 2011.

***Parahat ORAZOW,***
***Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk instituty,***
***Rejepnur NURBERDIÝEW,***
***Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Himiýa instituty.***

# BÄSDEŞLIGE UKYPLYLYGY ÝOKARLANDYRMAKDA LOGISTIKANYŇ USULLARYNY PEÝDALANMAK

***(Önümçiligiň ýitgisizlik nokadyny kesgitlemegiň mysalynda)***

***Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyçlary we taýsyz tagallalary netijesinde ýurdumyzyň ykdysadyýetini pudaklaýyn diwersifikasiýalaşdyrmagyň hasabyna ählumumy ykdysadyýetiň ösüşinde eýeleýän ornuny pugtalandyrmak, ykdysady ösüşiň köpugurlylygyny gazanmak babatda düýpli öňegidişlikler gazanylýar. Eziz Diýarymyzyň ykdysady strategiýasy senagat pudaklaryny durnukly, innowasion ösdürmäge, milli ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga gönükdirilendir.***

Häzirki zaman şertlerinde logistika kärhanany strategiki üýtgedip gurmak ugruny kesgitlemek bilen, ony innowasiýa taýdan ösdürmekde esasy düzüjileriň biri hasaplanýar. Şeýle hem logistikanyň özi toplumlaýyn ylymdyr, häzirki-zaman ylmy öwrenmelerinde optimal harajat bilen maksada ýetmek üçin maddy akymyny dolandyrmagyň sungaty hasaplanylýar. Iri senagat kärhanalarynyň hojalyk işiniň seljermesi netijesinde, dürli derejelerde toplumlaýyn logistiki meseleriň çözgüdi bilen baglanşykly önümçiligiň netijeliliginde tapawutly ýitgileriň ýüze çykmagy görkezilýär.

Logistikanyň esasy maksazdy kärhananyň bazar bäsdeşligine ukyplylyk ornuny üpjün etmekden ybaratdyr. Logistika muny akymlary dolandyrmakda indiki düzgünleri peýdalanmak esasynda gazanýar (ýedi düzgün R):

– 1R (right product): gerek haryt;
– 2R (right quality): gerekli hilde;
– 3R (right quantity): gerekli sanda;
– 4R (right time): gerekli wagtynda;
– 5R (right place): gerekli ýerinde;
– 6R (right customer): gerek (mätäçlik çekýän) sarp edijä;
– 7R (right cost): talap edilýän (minimal) harajadyň derejesinde.

Bu ýedi düzgün şerti ýerine ýetirilen ýagdaýynda logistiki işiň maksady gazanylan hasaplanylýar. Düzgünleriň maksada ýetmek üçin öňde goýulýan sepgitleri aňladýandygyny bellemek zerur hasaplanylýar. Öňde goýlan maksatlara ýetmekde düýpli esaslaryň bolmagy üçin esasy maksatlar kiçi böleklere bölünýär, mysal üçin, kärhananyň işini alyp barmakda gözegçiligiň netijeli ulgamyny döretmek, ylalaşylylykly wezipeleýin we tehnologiki oýlanşykly gurluşyň döredilmegi we beýlekiler.

Logistiki maksatlar köp ugurlydyr we kärhananyň strategiki we taktiki hojalyk işi bilen düýpli utgaşýar. Şeýlelikde, maksatlaryň keseligine (aýratyn wezipeleýin gurşawda özara utgaşma) we dikligine (dolandyryş derejesi boýunça özara utgaşma) utgaşmasy bolup geçýär. Kärhananyň operatiw maksady – bu kuwwatlygy maksimal peýdalanmak, kärhananyň logistiki maksady – ammaryň harajadyny minimallaşdyrmak.

Logistiki ulgamda keseleýin we dikligine goşulyşmada wezipeleýin gurşawyň we dolandyryş derejäniň arasynda hemişe utgaşykly hereket etmek we ters baglanyşygyň bolmagy möhüm hasaplanylýar. Bu dolandyryş hem-de ýerine ýetiriş çözgütleri saýlamakda we amala aşyrmakda wajyp netijeli şertleri kesgitleýjidir. Logistikanyň maksatlaryny amala aşyrmak üçin degişli meseleleriň dogry çözgüdini tapmak zerur hasaplanylýar.

Logistikanyň wezipeleýin çäginiň esasy meseleleri

| № t/b | Logistikanyň çägi | Esasy meselesi |
|---|---|---|
| 1 | Ätiýaçlyklar | Meýilleşdirmek, döretmek we zerur maddy ätiýaçlygy saklamak |
| 2 | Önümi ulagda daşamak | Ulagyň görnüşini, ulag serişdesini saýlamak, önümi eltip bermegi meýilleşdirmek we gözegçilik etmek |
| 3 | Ammarlamak we ammarda gaýtadan işlemek | Ammary ýerleşdirmegiň görnüşini saýlamak, ammar işini we gaplamagy dolandyrmak |
| 4 | Maglumat üpjünçiligi | Maddy akymynyň hereketi barada maglumaty ýygnamak |

Logistikanyň meseleleri özüniň ähmiýetliligi boýunça iki topara bölünýär: global we bölekleýin.

*Logistikanyň global meselelerine şular degişli:*

❖ maddy, maglumat, mümkinçiliklere görä beýleki baglanşykly akymlaryň toplumlaýyn özara baglanşykly ulgamyny döretmek;

❖ önümçilik we aýlanyşyk gurşawynda logistiki kuwwatlylygyň ýerine ýetirilşine strategiki ylalaşyk, meýilleşdirilmek we gözegçilik etmek;

❖ çeýeligiň ýokary ulgamyny gazanmak;

❖ bazar gurşawynda saýlanyp alnan strategiýanyň çäginde logistiki konsepsiýalary hemişe kämilleşdirmek.

Milli kärhanalaryň öňünde duran esasy logistiki meseleleriň biri dolandyrmakda täze maglumat tehnologiýalaryny ornaşdurmakdyr, mysal üçin, programma üpjünçiligi. Häzirki döwürde daşky gurşawyň üýtgemegi örän çalt bolup geçýär, global meseleleriň çözgüdi onuň bilen deňeşdirilende haýallyk bilen amala aşyrylýar, netijede çözgütler otrisatel häsiýete eýe bolýar.

*Logistikada bölekleýin meseleler ýerli häsiýete eýe bolmak bilen, olar has ösýän we dürli görnüşlidir:*

❖ önümiň saklanylyşynyň wagtyny maksimal azaltmak;

❖ daşamagyň wagtyny azaltmak;

❖ ulag serişdesini oýlanyşykly paýlamak;

❖ sarp edijileriň talabyny çalt kanagatlandyrmak;

❖ maglumatlary çalt gaýtadan işlemek we bermek.

Logistikanyň wezipeleýin meseleleri örän uly we olaryň düzümi köp görnüşli. Ýöne ähli meseleler ahyrky netijede

logistiki ulgamy dogry guramagyň hasabyna resurslary optimallaşdyrmaga we kärhananyň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga gönükdirilendir.

### ÖNÜMÇILIGIŇ ÝITGISIZLIK NOKADYNY KESGITLEMEK

*Logistiki ulgama girýän kärhanada önümçilik işi meýilleşdirilende ýolbaşçy indiki sowallara jogap bermelidir:*

✓ önümçiligiň ähli harajadynyň öwezini dolmak, şeýle-de peýda gazanmak maksady bilen näçe möçberde önümi öndürmek zerur;

✓ ýerlenýän önümiň bahasyny tassyklamak;

✓ bazarda bäsdeşlige ukyplylyk üçin harajady nähili derejede saklamak.

Logistika boýunça menejer goýlan sowallara, önümiň önümçiliginiň we ýerlenmeginiň ýitgisizlik nokadyny hasaplamak arkaly jogap alýar. Bu nokat «*howply nokat*», «*düşewüntliligiň çäginiň nokady*», «özüni ödeýjiligiň nokady» diýip atlandyrylýar.

*Ýitgisizligiň nokady* kärhananyň peýda gazanmazdan, ähli üýtgemeýän we üýtgeýän harajatlaryň öwezini dolýan maddy akymynyň möçberine laýyk gelýär.

Gymmatda aňladylan ýitgisizligiň nokady aşakdaky formula boýunça kesgitlenilýär:

$$TR(Q_B) = FC / (1- VC / TR)$$

nirede: TR(QB) – gymmatda aňladylan maddy akymynyň optimal möçberi;

FC – üýtgemeýän harajatlar, pul birl;

TR – kärhananyň girdejisi, pul birl;

VC – jemi üýtgeýän harajatlar, pul birl, VC = AVC Q;

AVC – udel üýtgeýän harajatlar (maddy akymynyň birligine), pul birligi;

Q – natural birlikde maddy akymynyň möçberi (san, ton we ş.m.).

Natural görnüşde aňladylan maddy akymynyň ýitgisizlik nokady şeýle hasaplanylýar:

$$QB = FC / (P – AVC)$$

nirede: P – maddy akymynyň birliginiň gymmaty (bahasy, tarifi), pul birlik.

Şeýle hem ýitgisizligiň nokadyny grafik usulynyň kömegi bilen kesgitlemek mümkin. Munuň üçin bir grafikde dört çyzyk birleşdirilýär:

FC – üýtgemeýän harajatlaryň çyzygy;

VC – üýtgeýän harajatlaryň çyzygy;

TC – umumy (jemi) harajatlaryň çyzygy;

TR – umumy (jemi) girdejiniň çyzygy.




**Şekil. Ýitgisizligiň grafigi**

«Ýitgisizligiň nokadyny» kesgitlemegiň mysaly düşündirilişi.

Önümçilik kärhanasy täze önümi öndürmegi meýilleşdirýär. Bir ýylda täze önüme bolan isleg 600 birlik çaklanylýar. Önümiň önümçilik möçberi bilen baglanyşykly üýtgemeýän harajatlar bir ýylda 12000 manat derejede. Önümiň birligine bolan meýilleşdirilýän üýtgeýän harajatlar 42 manat. Şular ýaly önümiň görnüşini öndürýän kärhana geçirilen seljermede önümiň birligi üçin ortaça satyş bahasynyň derejesi 67 manada deň. Natural we gymmatda aňladylan «ýitgisizligiň nokadyny» kesgitlemeli.

Önümiň 600 birligini öndürmek bilen baglanyşykly jemi üýtgeýän harajatlar:

**VC = AVC × Q = 42 × 600 = 25200 man.**

Kärhana önümi ýerlemekden soň aşakdaky ölçegde girdeji gazanýar:

**TR = P × Q = 67 × 600 = 40200 man.**

Onda kärhananyň işiniň gymmatda aňladylan «ýitgisizlik nokadyny» şeýle görnüşde kesgitlemek mümkin:

**TR(QB) = FC / (1 - VC / TC = 12000 / (1 – 25200 / 40200) = 32160 man.**

Natural aňlatmada «ýitgisizligiň nokady» şuňa deň:

**QB = FC / (P – AVC) = 12000 / (67 – 42) = 480 birlik.**

Önümçiligiň optimal möçberiniň ähmiýetini şeýle-de grafikde kesgitlemek mümkin.




***Şekil. Ýitgisizligiň nokadynyň grafikde kesgitlenişi***

Hasaplamalardan görnüşinden emele gelen iş şertinde kärhana täze önümi öndürip başlamak amatly hasaplanylýar, çünki önüme bolan islegiň çaklamasy (600 birlik) özüni ödeýjiliginden (480 birlik) ýokary.

Bazar şertlerinde ýitgisizlik nokadyny kesgitlemek has ileri tutulýar, çünki logistiki zynjyryna girýän kärhana ýitgisiz işiniň esaslandyrylan çaklamasyny etmäge mümkinçilik berýär. Ondan başga-da, logistika boýunça menejer kärhananyň strategiki ösüşini kesgitlände maliýe ätiýaçlygynyň pugtalygynyň (MÄP) ululygyny hasaba almalydyr, ýagny maddy akymynyň möçberiniň ýitgisizligiň derejesinden ýokarydygyny bahalandyrmalydyr. Maliýe ätiýaçlygyň pugtalygyny bahalandyrmak indiki formula boýunça amala aşyrylýar:

gymmatda aňladylan: **MÄP = TR – TR(QB),**

göterimde aňladylan: **MÄP = ((TR – TR(QB)) / TR)× 100%**

Logistiki ulgamyň harajadyny häsiýetlendirmek üçin peýdalanylýan ýene bir örän wajyp ululyk, öwezini dolmagyň harajadynyň ululygy hasaplanylýar. Öwezini dolmagyň harajady kärhananyň ýerlemekden gazanan girdejisi bilen üýtgeýän harajatlaryň, önümi öndürmekde kärhananyň harçlan harajady arasyndaky aratapawut görnüşinde hasaplanylýar.

Önümiň birligine bolan doly harajadyň (cont) we udel harajadyň (cont) ululyklary tapawutlandyrylýar:

**Cont = TR – VC = P×Q – AVC×Q = (P – AVC)×Q**

**cont = P – AVC**

«Öwezini dolmak harajat» görkezijisini peýdalanmak bilen, logistiki ulgamyň hereket etmeginde üýtgeýän we üýtgemeýän harajatlaryň üýtgemeginiň bu ulgamyň gazanan peýdasynyň ululygyna edýän täsirini kesgitlemek mümkin. Onuň üçin «önümçiligi dolandyrmagyň guralynyň netijesini» hasaplamak zerur hasaplanylýar.

Önümçiligi dolandyrmagyň guralynyň netijesi (ÖDGN), haçanda ýerlemekden gazanylan islendik üýtgeme peýdanyň has güýçli üýtgemäniň döremegine sebäp bolýan ýagdaýy aňladýar. Peýda san taýdan täsir etmegiň guralyny indiki formula boýunça aňlatmak bolar:

ÖDGN = **Const / P.**

*nirede*: P – peýda, man.

Täsir edýän guralyň ähmiýetini anyklamak bilen, girdejiniň näçe göterim ýokarlanandygy belli bolanda, kärhananyň peýdasynyň näçe göterim ýokarlanjakdygyny kesgitlemek mümkindir:

**P(%) =** ÖDGN **×TR(%),**

*nirede*: P. (%) – kärhananyň peýdasynyň göterimde ösüşi;

TR(%) – girdejiniň göterimde ösüşi.

Kärhananyň maliýe ätiýaçlygynyň pugtalygyny (gymmatda we göterimde aňladylan) hasaplamagyň mysaly düşündirilişi. Öň berlen mysalyň maglumatlaryny peýdalanmak bilen, kärhananyň maliýe ätiýaçlygynyň pugtalygyny (gymmatda we göterimde aňladylan) hasaplamak zerur, şeýle-de eger girdejiniň ýokarlanmagynyň 7,2%-e deň bolmagy belli bolanda, önümçilik guralynyň peýda edýän täsiri.

Maliýe ätiýaçlygynyň pugtalygy indiki görnüşlerde kesgitlenýär:

gymmatda: **MÄP = TR – TR(QB) = 40200 – 32160 = 8040 man.**

göterimde: **MÄP = ((TR – TR(QB)) / TR)× 100% = (8040 / 40200) ×100%.**

Ýerlemek möçberi 600 birlige deň bolan täze önümi öndürmek bilen kärhananyň gazanjak peýdasy:

**P = TR – FC – VC = 40200 – 12000 – 25200 = 3000 man.**

Onda önümçilik guralynyň täsir ediş güýji şuňa deň bolar:

ÖDGN = **Const / P = (40200 – 25200) / 3000 = 5.**

Diýmek, önümçiligi dolandyrmagyň guralynyň täsiri netijesinde girdejiniň 7,2% ýokarlanan ýagdaýynda kärhananyň peýdasy 36% ýokarlanar:

**P(%) =** ÖDGN **×TR(%) = 5×7,2% = 36%.**

Dolandyryş guralynyň täsir etmeginiň kömegi bilen harajadyň gurluşynyň peýda edýän täsiri kesgitlenenden soň netije çykaryp bolar: ýerlemegiň möçberiniň üýtgemän galan ýagdaýynda üýtgemeýän harajatlaryň udel agramy näçe ýokary bolsa we degişlilikde üýtgeýän harajatlaryň udel agramy aşak bolanda dolandyryş guralynyň täsiri şonça-da güýçlüdir.

Şonuň üçin üýtgemeýän harajatlar menejerleriň hemişe üns merkezinde bolmalydyr, çünki olaryň udel agramynyň ýokarlanmagy dolandyryş guralynyň hereketini güýçlendirýär, bu öz gezeginde kärhananyň işjeňliginiň peselen ýagdaýynda peýdada uly ýitgilere alyp barmagy mümkin.

**EDEBIÝAT:**

1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. I-II tom. Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.

2. Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasy». – Aşgabat. 2010.

3. Практикум по логистике: учебное пособие. А. В. Антошкина, Е. М. Вершкова; Томский политехнический университет. – Томск . 2013. – 130 с.

4. А. М. Гаджикский. Логистика: Учебник. – 11-е изд. Г. - М.: Издательско-торговая корпорация, 2006 г. – 432 с.

***Babamyrat TAGANOW,***
***Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň uly mugallymy,***
***Serdar DÖWLETOW,***
***Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň mugallymy.***

# IŞLEÝÄN ŞAHSLARYŇ ZÄHMET GATNAŞYKLARYNY DÜZGÜNLEŞDIRMEGIŇ ÄHMIÝETI

***Arkadag Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap ýurdumyzda adam hakdaky alada dünýä jemgyýetçiliginiň umumy ykrar edilen ýörelgeleri bilen sazlaşykly alnyp barylýar. Bu gün dünýä jemgyýetçiligi Türkmenistany adam mertebesiniň ýokary derejä çykarylýan, raýatlaryň kanuny hukuklarynyň goralýan ýurdy hökmünde tanaýar. Halkymyzyň asuda, parahat, bagtyýar durmuşda ýaşamagyny üpjün etmek, hukuk döwletini, raýat jemgyýetini barha kämilleşdirmek hormatly Prezidentimiziň alyp barýan döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynda aýdyň ýüze çykýar.***

Biz şu makalamyzda, esasan, işleýän şahslaryň zähmet gatanaşyklaryny düzgünleşdirmekde zähmet şertnamasynyň ähmiýeti barada durup geçmekçi. Bu ugurdaky meseleleri Türkmenistanyň Zähmet kodeksi guramaçylyk-hukuk we eýeçiligiň görnüşlerine garamazdan, kärhanalarda, edaralarda we guramalarda, aýry-aýry fiziki şahslarda, taraplarda baglaşylan zähmet şertnamasynyň esasynda işleýän şahslaryň zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirýär.

Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 1-nji bölüminiň (Umumy düzgünler) 1-nji maddasynda Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň maksatlary we esasy wezipeleri kesgitlenilýär. Bu maddada «Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň maksatlary raýatlaryň zähmet hukuklarynyň döwlet kepillendirmelerini bellemekden, zähmetiň amatly şertlerini döretmekden, işgärleriň we iş berijileriň hukuklaryny we bähbitlerini goramakdan ybaratdyr. Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň esasy wezipeleri raýatlaryň zähmet çekmäge bolan konstitusion hukuklaryny durmuşa geçirmekleri üçin zerur durmuş-hukuk şertlerini we kepilliklerini döretmekden, ykdysady ösüşi gazanmaga, adamlaryň hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmaga, zähmet bazarynyň netijeli işlemegini üpjün etmäge, işgärleriň, iş berijileriň, döwlet-häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň arasynda durmuş hyzmatdaşlygyny ösdürmäge gönükdirilen zähmet gatnaşyklaryny, şeýle hem zähmet bilen gösgöni baglanyşykly beýleki gatnaşyklary hukuk taýdan düzgünleşdirmekden ybaratdyr» diýlip beýan edilýär.

Şeýle hem kodeksiň 1-nji bölüminiň 2-nji maddasynda «Türkmenistanyň zähmet kanunçylygy Türkmenistanyň Konstitusiýasyna esaslanýar we şu Kodeksden hem-de zähmet hukugynyň kadalaryny özünde jemleýän Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan ybarat bolup durýar» diýlip görkezilýär.

Kodeksde berlen kesgitlemä laýyklykda, «Zähmet gatnaşyklary diýlip Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynda, zähmet şertnamasynda, köpçülikleýin şertnamada (ylalaşykda) göz öňünde tutulan zähmet şertleriniň iş beriji tarapyndan üpjün edilen mahalynda işgäriň şahsy zähmet borçlarynyň tölegli ýerine ýetirilmegine işgär bilen iş berijiniň arasyndaky ylalaşyga (belli bir kär, hünär, hünär derejesi ýa-da wezipe boýunça işler), kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalaryna işgäriň tabyn bolmagyna esaslanan gatnaşyklara düşünilýär».

Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň degişli maddalarynda işgäriň we iş berijiniň esasy hukuklary we borçlary, şeýle hem zähmet şertnamasy hem-de ony baglaşmagyň tertibi, zähmet şertnamasynyň möhleti, zähmet şertnamasynyň güýje girmegi, zähmet şertnamasyny baglaşmagyň, ony bes etmegiň (ýatyrmagyň) umumy esaslary boýunça bildirilýän talaplar we beýleki degişli meseleler anyk beýan edilýär.

Umuman, Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynda işleri ýerine ýetirmegiň düzgünleşdirilişiniň esasy wezipesi raýatlaryň zähmet çekmäge bolan konstitusion hukuklaryny durmuşa geçirmekleri üçin zerur durmuş-hukuk şertlerini we kepilliklerini döretmekden, ykdysady ösüşi gazanmaga, adamlaryň hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmaga, zähmet bazarynyň netijeli işlemegini üpjün etmäge, işgärleriň we iş berijileriň arasynda durmuş hyzmatdaşlygyny ösdürmäge gönükdirilen zähmet gatnaşyklaryny emele getirmek bolup durýar. Çünki zähmet bilen meşgullanmak adamda durmuşa, ýaşaýyşa bolan oňyn garaýyşyň esasydyr.

Berkarar döwletimizde ýurdumyzyň her bir raýatynyň adalatly jemgyýetde ýaşamagyny üpjün etmäge gönükdirilen milli kanunçylygymyzy kämilleşdirmek, kanunlaryň we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň gyşarnyksyz ýerine ýetirilmegini gazanmak boýunça işler giň gerimde alnyp barylýar. Ýurdumyzda kanunlar işlenip taýýarlananda we kabul edilende jemgyýetiň sagdyn ösüşinden, halkyň abadan durmuşda ýaşamagy, döwletiň

asudalygy, parahatlygy ugrundaky ýörelgelerden ugur alynýar. Şu esasda hem Türkmenistanyň kanunçylyk ulgamy yzygiderli kämilleşdirilýär.

Ýurdumyzyň syýasy durmuşynda we döwlet gurluşynda Türkmenistanyň taryhyna altyn harplar bilen ýazyljak öňegidişlikler we wakalar bolup geçýär. Şu ýylyň 14-nji aprelinde Halk Maslahatynyň Diwanynyň binasynda hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň birinji çagyrylyşynyň birinji mejlisi geçirildi. Onda «Türkmenistanyň Milli Geňeşi hakynda» Kanun kabul edildi. Şu Kanuna laýyklykda, ýurdumyzda iki palataly parlament döredildi. Onuň döredilmegi döwletimiziň we jemgyýetimiziň durmuşyny mundan beýläk-de demokratiýalaşdyrmaga, hukuk we dünýewi esaslaryny berkitmäge, häzirki zaman şertlerini üpjün etmäge gönükdirilendir. Bu bolsa, häkimiýetiň we halkyň ylalaşykly, ysnyşykly işlemegine, her bir adamyň we ýurdumyzyň sebitleriniň bähbiitlerine doly derejede hyzmat eder.

Men milli kanunçylgymyzyň kämilleşdirilmegi üçin ähli mümkinçilikleri döredýän Arkadag Prezidentimize sagbolsun aýdýaryn. Hormatly Prezidentimiziň jany sag, belent başy aman, ýurdy abadan, mertebesi mundan hem belent bolsun!

***Gülşirin TAGANDURDYÝEWA,***
***Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Mejlisiniň deputaty,***
***Senagat we gurluşyk önümçiligi***
***ministrliginiň Hukuk bölüminiň başlygy.***

G. Tagandurdyyeva

### THE IMPORTANCE OF REGULATING LABOUR RELATIONS OF WORKING PEOPLE

The Constitution of Turkmenistan comprehensively regulates the legal basis for the implementation of the constitutional rights of citizens to work, including the choice of professions, occupations and jobs, as well as the provision of healthy and safe working conditions for them. Any sector of our economy fully complies with the rules regulating labor relations of the new Labor Code and other normative acts of Turkmenistan. Employers and employees who are parties of employment relationship are required to comply with the rights and obligations of the employer, in particular the terms and conditions agreement, the conclusion of the employment contract, the time of work and rest, payment, internal labor regulations, labor protection, law and the connection of national labor law with international law has not been neglected for the benefit of man. This ensures the right of working citizens and they can exercise their full rights.

Г. Тагандурдыева

### РОЛЬ РЕГУЛИРОВАНИЯ ТРУДОВЫХ ОТНОШЕНИЙ РАБОТАЮЩИХ ЛИЦ

В любой отрасли нашей экономики в полной мере соблюдаются нормы Трудового кодекса Туркменистана и других нормативных правовых актов, регулирующих отношения в сфере труда, всесторонне определяющие правовые основы претворения в жизнь конституционных прав граждан, закреплённых в Конституции Туркменистана, на труд, в том числе на выбор по своему желанию специальности, профессии и места работы, а также на обеспечение здоровых и безопасных условий труда. Не упускают из виду в интересах человека права и обязанности работодателей и работников, являющихся сторонами трудовых отношений, в особенности, установленные условия заключения коллективного договора, трудового договора, времени работы и отдыха, оплаты труда, внутренней трудовой дисциплины, правовой защиты труда, рассмотрения трудовых споров и взаимосвязь национального трудового права с международным правом. А это обеспечивает надёжность использования работающими гражданами своих прав в полном объёме.

# «AKGENÇ» – GURLUŞYK ÖNÜMI

***Halkyň hazynasyndaky – halkyň hakydasyndaky gymmatlyklary öwrenmek, olaryň ýitip gitmezligi barada alada etmek biziň häzirki günlermizde döwlet derejesinde ähmiýet berilýän wezipeleriň hatarynda goýuldy. Milli Lidermiziň ýörite tabşyryklary we görkezmeleri esasynda alymlar topary ýurdumyzyň dürli künjeklerinde ylmy-barlag, öwreniş işlerini alyp barýar. Olaryň halkyň içinden toplaýan taryhy, folklor, etnografiki maglumatlary hakykatdanam, bahasyna ýetip bolmajak gymmatlyklardyr.***

Halkyň arasyndaky medeni-ruhy gymmatlyklary öwrenmek, toplamak we seljerme bermek işi bilen ozaldan gyzyklanyp ýören adamlar bolan biz üçin bu çagyryş täze ýol-ýörelge, ruhy goldaw bolup, işjeňligimizi artdyrmaga ýardam etdi.

Diýarymyzyň gözel künjegi bolan Bäherden we Magtymguly etraplarynyň dag etek obalarynda döredijilik iş saparynda bolan mahalymyz biz Garrynohur, Garawul, Könekümmet, Kürüždeý we beýleki käbir obalarda bolup, ýaşulularyň, zehinli hem ýatkeş adamlaryň birnäçesi bilen duşuşyp, söhbetdeş bolduk. Şol duşuşyklarda biz dag tebigatyna, halk lukmançylygyna, durmuş tejribesine dahylly örän köp peýdaly zatlary öwrendik.

...Könekümmet obasynyň ýaşaýjysy, elli ýaşdan ýaňy geçen Nurmyrat Öwezmyradowy daşyndan görseň ýaş ýigit ýaly, ýöne onuň bilýän zatlarynyň köpdügi, gyzyklanýan meseleleriniň dürli-dürlüdigi ony ilhalar hem tanymal adamlaryň hataryna goşupdyr. Oba arasynda oňa Ekebally diýip ýüzlenýär ekenler. Bizem täze dostumyza, elbetde, özünden rugsat alyp, Ekebally diýip ýüzlenmegi makul bildik.

Ekebally bize obanyň döreýşini, adamlaryň bu gadymy ýurda-ýere täzeden göçüp gelişlerini gürrüň berdi. Biz onuň bilen baglary, bagçalary, çeşmeleri, köçeleri, öýleri aýlanyp gördük. Şonda ol oba metjidini guranlarynda kerpiç örümi we suwag işlerinde «akgenç» ulanylandygyny aýtdy. Biz ýöriteläp, onuň ýanyna baryp gördük. Çünki «akgenç» diýlenden biz taryhy binagärlik ýadygärliklerinde ulanylýan «ganç» ýa-da «gej» diýlip atlandyrylýan suwag palçygy hakynda gürrüň gidýändigini aňlapdyk. Hakykatdanam, ylmy dilde käbir ýagdaýlarda «gips», «alebastr» kähalatlarda bolsa «ganç» diýlip aýdylýan düşünjä ýakyn bolan bu gurluşyk serişdesi bilen meňzeş garyndyny bu ýerde ýerli ussalar taýýarlamagy başarýan ekenler. Gurluşykçylaryň bu ak palçygy – «akgenji» taýýarlaýyşlary barada Ekebally bize şeýle gürrüň berdi:

– Beýleki zerur serişdeler taýýar bolandan soň, gurluşygyň örüm hem suwag işlerine gezek ýetende obanyň çetindäki toýun gumuň gazylyp alynýan ýerinden awtoulagda gum getirilipdir. Aşagynda güýçli ot ýanyp duran ýüz ýada iki ýüz litrlik çoýun gazana ýarsyna golaý edip, toýun guýulýar. Toýun wagtyň geçmegi bilen gazanda eräp, suw dek bolýar-da gaýnamaga başlaýar. Bäş-alty sagatlap gaýnadylan toýun gum ap-ap külkä öwrülýär. Onsoň ony sowandan soň suw bilen garyp, ýumşak garyndy-ak palçyk taýýarlaýarlar. Şoňa-da akgenç diýilýär. Akgenç bilen örülen örüm berk bolýar, onuň bilen suwalan suwag gelşikli, tämiz hem durnuklydyr. Diýmek, binagärlik bilen baglanşykly makalalarda, ylmy işlerde ozalky ýaly «ganç» ýa-da «gej» diýen ýaly nätanyş hem düşnüksiz sözleri ulanyp ýörmän, «genç» ýa-da halk arasynda aýdylyşy ýaly «akgenç» diýlip ýazylsa-da boljak eken. Akgenji öndürmek işini ýola goýmak meseleleri bilen türkmen işewürleri, telekeçileri gyzyklanarlar diýip umyt edýäris.

### «KÜMMET» HEM «GÜMMEZ»

Bu obanyň adynyň halk arasynda «Kümmet» diýlip, dogry tutulýandygy nähili gowy zat. Ýogsam käbir, kitaplarda-da, makalalarda-da «kümmet» sözüne derek «gümmez» sözüniň ulanylýandygy lapyňy keç edýär.

Bu obada gadymdan galan bir kümmetiň bardygy, şony tutunyp, şondan salgy alyp hem obanyň adynyň «Kümmetli» ýa-da «Könekümmet» bolup galandygyny ýaşulular gürrüň berdiler. Aslynda «kümmet» bilen «gümmez» az-kem ýakyn hem bolsa, başga-başga manylary aňladýandygyna düşünmek gerek. Bi iki sözüň türkmen dilinde aýry-aýry manylarda ulanylýandygyna göz ýetirjek bolsaň, gepleşik dilindäki çeper söz düzümlerine ýüzlenmeli bolýar. Türkmen halk gepleşik dilinde kimdir biri ýa-da ogul-gyzyň barada irginsiz alada edip ýörme, olaryň bary gury azap bolar diýen pikiri aýtmakçy bolnanda: «Näme, ol seniň görüňe kümmet galdyrar öýüdýärmiň?!» diýlen çeper söz düzümi ulanylýar. Diýmek, «kümmet» hatyra desgasy eken.

Türkmen dilinde «asman gümmezi» ýa-da «gümmezlenip görünýär» diýlen belli bir görnüşi aňladýan söz düzümleri bar. Ol söz hakykatdanam rus dilindäki «kupol» ýa-da «sfera», «sferiçeskiý» diýlen düşünjeleri aňladýar. Diýmek, «gümmez» sözi köşk, kümmet, metjit, hüjre ýaly desgalaryň üstki bölegini aňladýar. «Kümmet» sözi welin, örän gadymy döwürlerden bäri bir desgany, has takygy

hatyra desgasyny aňladýar. Bu sözüň asyl köki arap dilindäki «kubb» ýa-da «kubbat» sözündendir. Türkmen dilindäki «gupba» sözüniň asly hem şu köklerdir. Owadan gurlan jaýlara-da «gupba» ýaly diýilmegi ýöne ýerden däldir. Ir zamanlarda hatyrasy uly, meşhur adamlaryň guburynyň üstüne kümmet gurmak däp bolupdyr. Bu däp taryhda ajaýyp binagärlik ýadygärlikleriniň bina edilmegine sebäp bolupdyr. Biziň ýurdumyzdaky Soltan Sanjaryň, Talhatanbabanyň, Törebeg hanymyň, Soltan Tekeşiň, Il Arslanyň, Mäne babanyň, Saragt babanyň we beýlekileriň kümmetleri dünýä meşhur kümmetlerdir. Bu ýadygärlikleriň şol meşhur ynsanlar hakyndaky hakydany özünde saklaýandygy üçin taryhy-medeni gymmatlygyda goşalanýandyr.

## PARHAW

Sözbaşyny okan adamalaryň köpüsiniň «parhaw nämekä?» diýjekdigi ikuçsyzdyr. Çünki «parhaw» diýilýän zady biziň aglabamyz heniz göremzok, şonuň üçinem onuň näme zatdygyny, nähili zatdygyny göz öňüne-de getirip bilmeýäris. Aslynda welin, parhaw galla saklamak üçin ýörite gurulýan desga. Başgaça aýtsak, ýeriň üstünde gurulýan ury. Parhawy, elbetde, bize könekümmetli dostumyz Ekebally görkezdi. Asyl-ha parhaw onuň howlusynda bar ekeni. Geçmiş mirasa hormat goýýan Ekebally bu desgany ulanmasa-da «Kakamdan galan ýadygärlik zat» diýip, tämiz saklaýar. Parhawyň gurluşy ýönekeý, emma şol bir wagtda oýlanyşykly, peýdaly hem amatly ýagdaýda gurulýan desga eken. Ini hem boýy iki metr, beýikligi hem iki metr, hemme tarapy deň ölçegli dörtburç jaý. Girelgesem ýok, çykalgasam. Ilki gören wagtyň Ekebally ýaly biri düşündiräýmese, birbada onuň nemediginem biler ýaly däl. Emma düşündirilenden soň welin, hemme zat düşnükli bolýar oturyberýär. Bu dörtburç, dörtgyraň, aýna-gapysyz jaýyň depesinde iki sany deşik bar. Ol deşiklerden galla guýulýar eken. Näme üçin iki sany deşik bar? Sebäbi bu iki metrlik jaýyň ortarasynda diwar bar eken. Parhawy deň ikä bölmeseň, içine guýulýan köp mukdardaky gallanyň güýçli basyşy diwary itip ýykmagy mümkin. Şonuň üçin iki bölege bölünen bir parhawyň depesinde her bölek üçin aýratyn bir guýguç bar.

Parhawyň ýene bir geň ýeri onuň düýbi ýere degmän dur. Ony ýogyn arça pürsleriniň üstünde gurupdyrlar. Şeýle edilende gallanyň ýagysy syçanlardyr alakalara «Tamaňyzy tala daňaýyň» diýildigi bolýar. Parhawyň düýp düşegi – poly ýasy dag daşlaryndan, onuň üstünden edilen suwagy – akgenç. Pürsüň üstünde gurlansoň, aşakdaky boşlukdan ýel geçip dur. Üstesine, pişiklerem bu ýere hyýal edip gelýän syçanlary, alakalary ýa-da başga mör-möjekleri ýok edip biljek.

Parhawyň her böleginiň alynky diwarynyň aşak eteginde häzirlikçe kerpiç ýa-da daş örülip ýapylan kiçeňräk aýlaw şekilli deşikleri bar. Şol deşikler gerek wagty aňsatlyk bilen sökülýär. Onsoň ol ýerden ýuwaşlyk bilen bugdaý akymy akyp gelýär. Gerегiňi alanyňdan soň ýene-de ýapaýmaly...

Elbetde, galla saklamaga niýetlenen parhawyň ýeriň üstünde gurulmagynyň sebäbi bu sebitlerde dagdaşlaryň ury gazmak meselesini kynlaşdyrýandygy bilen baglanyşyklydyr.

Parhaw – seýrek zat. Bular ýaly täsin hem gymmatly zady aýawly saklaýan Ekebally ýaly adamlar hem, dogrusyny aýtsaň, seýrek.

Şu ýerde ýene bir zady bellemek gerek.

Magtymguly etrabyna barýan uly ýoluň ýakasynda «Parhaý» atly şypaly çeşme bar. Bu çeşmäniň adynyň «Parhaý» bolmagy «parhaw» sözi bilen baglanşykly bolsa gerek. Sebäbi çeşmäniň gözbaşynda ir döwür deň ölçegli dörtburç «parhawa» meňzeş howuz gurupdyrlar. Onuň «parhawa» meňzedilip, adynyň şondan galan bolmagy ähtimaldyr. «Parhawyň» «parhaý» bolmagy ýerli şiwäniň dil aýratynlygy bilen baglanşykly bolsa gerek.

***Ahmet HALMYRADOW,***
***«Abiwerd» taryhy-medeni döwlet goraghanasynyn ýolbaşçysy.***

Parhawyň görnüşi





# SANLY YKDYSADYÝETI ORNAŞDYRMAGYŇ HUKUK ESASLARY

***Milli ykdysadyýetimizi bazar gatnaşyklaryna tapgyrlaýyn esasda geçirmek, ýokary maýa goýum işjeňligini üpjün etmek, ýurdumyzyň eksport kuwwatyny mundan beýläk-de artdyrmak, importyň ornuny tutýan önümleriň öndürilişini güýçlendirmek, durmuş ulgamlarynyň netijeliligini ýokarlandyrmak, adamyň aň-bilim maýasyny ösdürmäge maýa goýumlaryny köpeltmek, döwlet bilen hususy bölegiň hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmak babatda ägirt uly işler durmuşa geçirilip, ata Watanymyzyň halkara abraýyny barha we barha ýokary galdyrmak, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertleri yzygiderli gowulandyrmak döwrüň ösen talaplaryndan biridir.***

Milli Liderimiziň durmuş-ykdysady strategiýasynda ýurdumyzyň düýpli maýa goýum syýasatyny kämilleşdirmek, makroykdysady we maliýe durnuklylygy saklamak, ykdysady pudaklaryň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak, ykdysadyýete daşary ýurt maýa goýumlaryny uly möçberlerde çekmek, senagatda ösen tehnologiýalary we innowasiýalary ulanýan, dürli eýeçilik görnüşlerine daýanyp ösýän önümçiligi döretmek, dolandyryşyň has kämil, bazar ykdysadyýetiniň özgerýän şertlerine uýgunlaşan usullaryny ulanmak aýratyn ähmiýete eýedir.

Şunuň bilen baglylykda:

«Maglumat we ony goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny;

«Şahsy durmuş barada maglumat we ony goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny;

«Aragatnaşyk hakynda» Türkmenistanyň Kanuny;

«Türkmenistanda Internet torunyň ösüşini we internet-hyzmatlaryny etmegi hukuk taýdan düzgünleşdirmek hakynda» Türkmenistanyň Kanuny;

«Kiberhowpsuzlyk hakynda» Türkmenistanyň Kanuny hukuk esas bolup hyzmat edýär.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň belleýşi ýaly, häzirki wagtda öňde ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň dürli pudaklaryna täze innowasion tehnologiýalary, bäsdeşlige ukyply sanly ykdysadyýeti ornaşdyrmak, sazlaşykly işleýän elektron senagatyny döretmek, sanly aragatnaşyk ulgamynda şäher bilen obanyň arasynda gurluşyklar, ýaşaýyş-durmuş ýagdaýy we beýlekiler babatda aratapawudy aradan aýyrmak boýunça möhüm wezipeler durýar. Bu wezipeler aragatnaşygyň maglumat-kommunikasiýa ulgamynyň, şol sanda maglumat hyzmatlarynyň, onuň maglumat-kommunikasiýa üpjünçiligini ösdürmegiň, adamyň intellektual mümkinçiligini doly derejede ulanmagyň hilini we ygtybarlylygyny ýokarlandyrmagy talap edýär.

Ýurdumyzda sanly ykdysadyýeti ösdürmek netijeli ulgamlary ornaşdyrmaga, uzak möhletli ykdysady ösüş we ýokary öndürijiligi gazanmaga şert döredýär, jemgyýetçilik hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmaga we kämil görnüşlerini ýola goýmaga, durmuş şertlerini gowulandyrmaga hemaýat edýär hem-de tehnologiýalar bilen bagly töwekgelçilikleriň azalmagyna, in-

ternet ulgamynyň mümkinçilikleriniň giňelmegine ýardam edýär. Şu nukdaýnazardan, sanly ykdysadyýeti ösdürmek üçin onuň kanunçylyk binýadyny yzygiderli kämilleşdirmek zerur bolup durýar.

Mundan başga-da, bu çygyrda amala aşyrylýan işleriň hukuk esaslaryny döwrebaplaşdyrmak netijesinde:

«Türkmenistanyň döwlet maglumat ulgamlaryndaky maglumaty goramak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 3-nji aprelinde çykaran 135-nji Karary bilen tassyklanan, «Türkmenistanyň döwlet maglumat ulgamlaryndaky maglumaty goramak hakyndaky Düzgünnama»;

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 7-nji iýunynda çykaran 247-nji Karary bilen tassyklanan, «Türkmenistanyň kiberhowpsuzlygyny üpjün etmek boýunça döwlet Maksatnamasy»;

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 7-nji iýunynda çykaran 247-nji Karary bilen tassyklanan, «Türkmenistanyň kiberhowpsuzlygyny üpjün etmek boýunça döwlet Maksatnamasyny ýerine ýetirmegiň 2017 — 2021-nji ýyllar üçin Meýilnamasy»;

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2018-nji ýylyň 30-njy noýabrynda çykaran 984-nji Karary bilen tassyklanan, «Türkmenistanda 2019 — 2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy»;

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2021-nji ýylyň 12-nji fewralynda çykaran 2136-njy Karary bilen tassyklanan, «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021 — 2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy»;

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2021-nji ýylyň 12-nji fewralynda çykaran 2136-njy Karary bilen tassyklanan, «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021—2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyny amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirmeli çäreleriň Meýilnamasy» tassyklanyldy we olaryň ählisi işjeň durmuşa geçirilýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2018-nji ýylyň 30-njy noýabrynda çykaran 984-nji Karary bilen tassyklanylan, «Türkmenistanda 2019 – 2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýanyň» esasy maksady döwletiň, milli işewürlik birleşikleriniň we raýat jemgyýetiniň gatnaşmagynda sanly ykdysadyýetiň institutlarynyň netijeli ösdürilmegi üçin amatly guramaçylyk hem-de kadalaşdyryjy-hukuk şertlerini döretmekden, şeýle hem ählumumy sanly ekoulgamyň emele gelýän şertlerinde milli ykdysady serişdeleri (aktiwleri) dolandyrmagyň ulgamyny hem-de onuň düzümini kämilleşdirmekden ybarat bolmak bilen, sanly ykdysadyýetiň hereket etmeginiň wajyp talaby bolup durýan döwletiň we işewürligiň maglumat hem-de ykdysady taýdan goraglylygyny, sanly gurşawda raýatlaryň şahsy maglumatlarynyň we şahsy durmuşynyň eldegirilmesizligini üpjün etmek, sanly ykdysadyýetiň milli ulgamynyň durmuşa gönükdirilmegini gazanmak,



ilatyň ähli gatlaklarynyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň ýokarlanmagy üçin täze mümkinçilikleri döretmek şu Konsepsiýanyň esasy wezipeleriniň biridir.

Şeýle hem salgylanýan şu Konsepsiýada göz öňünde tutulan wezipeleriň amala aşyrylmagyny üpjün etmek, milli ykdysadyýetiň pudaklarynda sanly ulgamlary giňden ornaşdyrmak arkaly ýokary tehnologiýaly we bäsdeşlige ukyply sanly ykdysadyýeti ösdürmek maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidentiniň 2021-nji ýylyň 12-nji fewralynda çykaran 2136-njy Karary bilen tassyklanan, «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021 — 2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynyň» esasy maksady ýurduň jemi içerki önüminde maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalary ulgamynyň goşmaça ösüşini üpjün etmekden hem-de sanly aragatnaşyk babatda welaýatlaryň, şäherleriň we obalaryň arasyndaky tapawudy aradan aýyrmak bolup, ol esasan hem, şu dört ugur boýunça ýerine ýetiriler:

- sanly üpjünçilik ulgamyny ösdürmek;
- ilata sanly hyzmatlary hödürlemek maksady bilen «Elektron hökümet» ulgamyny döretmek;
- adam maýasynyň ösüş derejesini ýokarlandyrmak, innowasion ösüş institutlaryny döretmek, sanly ekoulgamy özgertmegiň hasabyna döwletiň ösüşiniň depginini has-da güýçlendirmek;
- ýurduň ykdysadyýetine sanly tehnologiýalary ornaşdyrmak we ony yzygiderli kämilleşdirmek.

Türkmenistanda Internet toruny ösdürmek bilen baglanyşykly gatnaşyklary düzgünleşdirmegiň hukuk esaslaryny kesgitleýän we Türkmenistanyň çäginde internet-hyzmatlaryny etmek babatda işiň hukuk esaslaryny belleýän «Türkmenistanda Internet torunyň ösüşini we internet-hyzmatlaryny etmegi hukuk taýdan düzgünleşdirmek hakynda» Türkmenistanyň Kanuny barada aýdylanda, şulary bellemek ýerlikli bolar. Şu

Kanun VIII bapdan ybarat bolup, 34 maddany öz içine alýar. Salgylanýan bu Kanunyň maksatlary üçin aşakdaky esasy düşünjeler ulanylýar:

1) Türkmenistanda Internet torunyň ösüşini düzgünleşdirmek — döwlet tarapyndan Türkmenistanda Internet toruny ösdürmegiň ýörelgelerini, hukuk kadalaryny, guramaçylyk düzgünlerini we tehniki amallaryny işläp taýýarlamak we ulanmak, olaryň binýadynda ýurtda internet hyzmatlaryny hödürlemek amala aşyrylýar;

2) Internet torunyň milli segmenti — Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen tertipde, milli domenler diýlip ykrar edilen domenleriň, beýleki domenlerde ýerleşen ýa-da haýsydyr bir domenlere degişli bolmadyk internet serişdeleriň jemi, hosting olara Türkmenistanyň çäginde berilýär, şeýle hem Internet toruna elýeterliligi üpjün edýän Türkmenistanyň telekommunikasiýa aragatnaşygynyň tory;

3) Birinji (ýokarky) derejeli milli domen — Standartlaşdyrmak boýunça halkara guramasy (ISO 3166-2) tarapyndan tassyklanan, ady Türkmenistanyň kody bilen berlen domen. Türkmenistan üçin birinji derejeli milli domeniň «.TM» diýen belgisi bardyr we ol Türkmenistanyň emlägi bolup durýar. «.TM» domeni dolandyrmak Türkmenistanyň çäginden amala aşyrylýar;

4) ikinji derejeli milli domen — ady birinji derejeli milli domeniň («.TM») adyny we öz adyny öz içine alýan domen;

5) Milli hasaba alyjy — milli domenleriniň elektron salgylaryny hasaba almagy amala aşyrýan we görkezilen salgylaryň maglumatnamasyny ýöredýän gurama;

6) Internet torunyň hyzmatlarynyň operatory — Türkmenistanda Interneti peýdalanyjylaryň Internet toruna elýeterliligini üpjün etmek boýunça işi we (ýa-da) Internet tehnologiýalaryny peýdalanmak bilen edilýän beýleki hyzmatlary amala aşyrýan fiziki ýa-da ýuridik şahs. Türkmenistanda Internet torunyň hyzmatlarynyň operatory hökmünde aragatnaşygyň operatory we (ýa-da) internet-prowaýder bolup biler;

7) Internet-hyzmatlary — Internet torunyň kanallary boýunça maglumatlary bermek ýa-da kabul etmek arkaly edilýän hyzmatlar;

8) Maglumatlar — ony saklamak, işläp taýýarlamak we bermek mümkinçiligini üpjün edýän ýörite görnüşde berlen habar;

9) Internet toruny peýdalanyjy — maglumatlary kabul etmek ýa-da bermek maksady bilen Internet toruna birikdirilen ahyrky enjamdan peýdalanýan şahs;

10) Internet toruna birikdirmek hyzmatlary — eýeçilik hukugynda ýa-da başga hukukda Internet toruny peýdalanyja degişli ahyrky enjamy Internet toruna birikdirmek boýunça hyzmatlar ýa-da işler;

11) Ahyrky enjam — abonent liniýalaryna birikdirilýän we abonentler tarapyndan elektrik aragatnaşyk torunyň kanallary boýunça maglumatlary bermek ýa-da kabul etmek maksady bilen elektrik aragatnaşyk signallaryny döretmek üçin abonentleriň peýdalanmagynda durýan tehniki serişdeler;

12) Elektron poçtanyň internet hyzmatlary — Internet toruny peýdalanyja salgylary bermek we bu salga maglumatlary kabul etmek, şeýle hem Internet toruny peýdalanyjynyň iberen we onuň salgysyna gelen maglumatlary saklamak we ibermek boýunça hereketler ýa-da iş;

13) Hostingiň internet-hyzmatlary — Internet torunda serwer giňişliginiň we programma üpjünçiliginiň böleklerini peýdalanyjylara (uzaklaşan kompýuterlere) bermek, şeýle hem web-serwerlerinde peýdalanylýan saýtyň iş ukyplylygyny saklamak;

14) Maglumaty kabul ediji — Internet torunyň kanallary boýunça maglumatlaryň berilýän fiziki ýa-da ýuridik şahsy. Türkmenistanda Internet torunyň ösüşini we internet-hyzmatlaryny etmegi hukuk taýdan düzgünleşdirmek hakynda Türkmenistanyň kanunçylygy Türkmenistanyň Konstitusiýasyna esaslanýar, şu Kanundan we Internet torunyň ösdürilmegi we peýdalanylmagy babatda işi düzgünleşdirýän Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan durýar.

Häzirki wagtda hereket edýän kanunçylykda bellenilişi ýaly, şu aşakdakylar bu Kanunyň esasy wezipelerine degişlidir: Şu Kanunyň hereketi hyzmatlaryň edilen ýeri we (ýa-da) Internet toruny peýdalanyjynyň ýerleşýän ýeri Türkmenistanyň çägi bolan mahalynda Türkmenistanyň hukuk tabynlygy astynda amala aşyrylan diýlip hasap edilýän internet-hyzmatyna we (ýa-da) Internet toruny peýdalanmak bilen amala aşyrylan beýleki hukuk taýdan ähmiýetli hereketlere degişlidir.

Hukuk taýdan ähmiýetli hereketleriň amala aşyrylan wagty diýlip hukuk netijelerini emele getiren birinji hereketiň amala aşyrylan wagty hasap edilýär.

Eger şu Kanun bilen gönüden-göni başga zat bellenilmedik bolsa, kanunçylygyň hereketi maglumata elýeterliligiň azatlygyny, maglumatyň goragyny we intellektual eýeçiligiň goragyny üpjün etmek bilen baglanyşykly gatnaşyklara degişli däldir.

Şeýlelikde, ýurduň maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalary ulgamynyň goşmaça ösüşi üpjün ediler,sanly aragatnaşyk babatda welaýatlaryň, şäherleriň we obalaryň arasyndaky tapawut aradan aýrylar, ähli pudaklar boýunça ilata edilýän sanly hyzmatlarynyň ygtybarly işjeňligi, elýeterliligi, ätiýaçlylygy, maglumat we kiberhowpsuzlygy üpjün ediler.

***Baýram GURTMYRADOW,***
***Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň***
***Milli merkeziniň Maglumat, seljeriş we halkara gatnaşyklary***
***bölüminiň hukuk maslahatçysy.***

# UK, TÜÝNÜK, TÄRIM... GURLUŞYK ENJAMLARY

***Taryhyň çuňluklaryndan gözbaş alýan çarwa halklaryň, şonuň ýaly hem paýhasly ata-babalarymyzyň mähir-yhlasy siňen ak öýler. Olaryň süňňi, gurluşyk enjamlary, esasan, söwüt, gara agaç, käbir ýagdaýda dagdan, tut, tal ýaly agaçlardan ybarat. Içerki bezeg enjamlary hem ene-mamalarymyzyň, mähriban gyz-gelinlerimiziň aň hem el önümleri bolan haly-kilimlerden ybarat. Ak öýleriň gurluşyk enjamlary bolan agaç önümleri aňsat döwülmeýänligi, göçürmek üçin amatlylygy, guransoň, ýeňil bolýandygy bilen beýleki kowumdaşlaryndan tapawutlanýar. Olar öz islegiňe görä heniz çyg wagty işlenilýär, diýmek, heniz öl wagty agaç önümlerini isleýşiňçe egip, olara talabalaýyklykda görnüş berip bolýar.***

Ak öýleriň gurluşyk enjamlary bolan uklar, tärimler, tüýnükler taýýarlanan wagty geregiçe ýonulyp, ýöriteleşdirilen gurallar bilen egreldilýär hem-de guradylýar. Türkmen ak öýleri eýesiniň durmuş talaplaryna laýyklykda, dört, alty, sekiz ganatly görnüşinde gurulýar we tutuş bir hojalygyň öý-ojagy bolup bir ömre, gerek bolsa, iki, üç ömre hyzmat edýär. Taryha ser salsaň, ata-babalarymyzyň ak öýleriň gurluşygyna «sen-men» ýok, ur-tut başlabermändigine, «Maslahatly biçilen don gysga bolmaz» diýen pähime eýerip, ilki öz ýakynlaryny, dogan-garyndaşlaryny, oba kethudasyny çagyryp, olara maslahat salandygyna, çünki düýbi berkden, halallykdan tutulýan binada ogul öýerip, gyz çykarmaly, nesiller örňäp, ýanyň ýaýramaly bolýandygy, şonuň ýçinem onuň gurluşygyna ulama-kethudalardan, zanny halal ýaşululardan ak pata almak arkaly başlanandygyna göz ýetirýärsiň. Hawa, ak öýleriň gurluşygy hemmetaraplaýyn meýilnamalaşdyrylansoň, gaty, soňy bilen çökmez ýaly ýerden, binýady goýuljak çäkden sypa (platforma) galdyrylýar. Çünki ýagyş ýada gar ýaganda ýagyn suwlary ak öýe girmän, iki tarapyndan aýlanyp öter ýaly ýagdaý döredilýär. Belli bir derejede ýerden galdyrylan belentlikde onuň binýady goýlup, binýady tutulýar, diňe şondan soň gurluşygyň boljak ýeriniň çar tarapyna gazyk kakylyp, olar ýüp arkaly öý guruljak ýeriň tegelegini, dörtburçlygyny emele getirýär.

Geljekde tutuljak öýüň gazygy berk hem azyndan pil sapynyň ýogynlygynda bolmaly. Gazyk öý dikiljek ýerden gowy kakylansoň, tärimleri biri-birine ýüpler arkaly gowy berkidýärler. Gazyk ak öýüň içki çep tarap täriminden bir ädim çemesi içerräkde dikilýär. Ata-babalarymyz tarapyndan «Gazygynda garrasyn» diýlip pata berilmegi hem belki şondandyr. Gazyga uzagyndan täze dünýä inen çaganyň sallançagynyň bir tarapynyň ýüpi hem daňylýar. Gurnama ak öýüň berk bolmagy üçin işik tarapdan ýarym metrden gowrak çukur gazylýarda, bekit agajy





dikilýär we tärimler şol agaja berkidilýär. Şu taýda ak sözi bilen bagly «Alnyň ak-açyk bolsun!», «Ömür menzilleriň aklyga beslensin!», «Ömür ýollaryň ak bolsun!», «Aklyk saňa ýar bolsun!», «Ak öýde ak bäbekler dünýä inip, ýanyň ýaýrap, ujuň uzap, köpelip-känelmek nesip etsin!» ýaly jümleler aýdylyp, şeýle öýleriň eýelerine, täze durmuşa gadam goýýanlara ak pata berilmegi, aklyk bilen baglanyşykly ýagşy sözleriň aýdylyp, gowy niýetler edilýändigi özüňe belli. Şu taýda ýene bir zat, ak öýleriň içki bezegi bolup hyzmat edýän haly-kilimleriň başlangyjynyň ak ýüplük bilen başlanyp, gutarylanda hem ak ýüplük bilen gutarylmagy öýüň eýesine we onuň maşgala agzalaryna ak ýoluň, bagtyýar durmuşyň arzuw edilmegi bilen baglanyşyklydyr. Tärimler ak öýleriň ganatydyr. Onuň bilen baglanyşykly hem dört ganat, alty ganat, sekiz ganat ak öýler diýilýär. Bagşylaryň dilinde bu barada:

**Alty ganat ak öý tutuň bir bada,**
**Sala salyň Agaýunus perä-de,**
**Toýuňyz toý ýaly, göwnejaý bolsun!**

diýlip aýdym aýdylýar. Türkmeniň «Aşyk Myrat» dessanynda bolsa:

**Bir öý tutuň altmyş başdan aýylan,**
**Tüýnügine tylla suwlar çaýylan,**
**Bosagasna zümerretden goýulan,**
**Ajy kerem, serpikli öýler gerekdir**

diýlip türkmeniň ýene bir üýtgeşik ak öýüniň gürrüňi edilýär.

Tärimler biri-birine daňylyp, gowy berkidilensoň, olara tüýnük oturdylýar. Tüýnük çagyryk atly dört bölekden ybarat bolup, onuň gözleri bäbenek diýlip atlandyrylýar, ondaky uguň inçelýän tarapyna uguň balasy diýlip, tüýnük tegelek görnüşi emele getirýär. Uklaryň balasy bäbenege dakylansoň, olaryň aşaky tarapy tüýnüge ukbagy arkaly daňylýar hem-de uguň tärime daňlan ýerine «herek» diýilýär.



Biz häzirki wagtda işikli, petleli, gawsaly ak öýleri görýäris. Işik agyzda ojakbaşy, daş ýüzünde gapylyk eňsi, germeç, ümür-duman ýaly bezeg esbaplary bolýar. Ak öýüň içki bezegi bolan torba, çuwal, esasan, gap-çanak, egin-eşik, galla salmak üçin ulanylýar. Häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň başlangyç-tagallasy bilen Mary, Ahal, Lebap welaýatlarynda gurlan uly göwrümli, görseň, gözüňi dokundyrýan ak öýlerde döwlet hem halkara derejesinde maslahatlar, döwlet konsertleri geçirilýär.

***Aýtäç RAHYMOWA,***
***Mary welaýatynyň Türkmengala etrabynyň ýaşaýjysy.***

# GURLUŞYK ÖNÜMLERI, TALAPLAR, HIL-STANDART...







24-25-nji maýda Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynyň sergi merkezinde paýtagtymyzyň döredilmeginiň 140 ýyllygy mynasybetli «Ak şäherim Aşgabat» atly köpugurly ýigriminji halkara sergisi guraldy. Gahryman Arkadagymyzyň başlangyç-tagallasy netijesinde geçirilýän bu sergi paýtagtymyzyň, şonuň ýaly-da bütin ýurdumyzyň raýatlary, myhmanlary üçin eziz Diýarymyzyň ykdysady hem durmuş ösüşleriniň ileri tutulýan wezipelerini amala aşyrmakda, sebitleriň we şäherleriň durmuş üpjünçiliginiň netijeli guralmagyna gönükdirilen tejribe we tehnologiýalar bilen ýakyndan tanyşmaga mümkinçilik döredýär. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň ýüregi hasaplanýan paýtagtymyzda geçirilen bu forum Aşgabat şäher häkimligi we Söwda-senagat edarasy tarapyndan guralyp, oňa kärhanalaryň hem-de beýleki düzümleriň 90-dan gowragy, şonuň ýaly hem daşary ýurt kompaniýalarynyň wekilleriniň gatnaşmagy bu halkara çäresine nä derejede gyzyklanma bildirilýändigini görkezýär.

Bu köpugurly sergi binasynda ýurdumyzyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň garamagyndaky senagat kärhanalarynda öndürilýän sement, magdan däl materiallar, metal önümleri, aýna, diwar materiallary, gurnama demirbeton we iri panelli jaý gurluşyk önümleri, keramzit, kaolin, gips we maşyngurluşyk önümleri sergilendi. Ministrligiň önümçilik düzümleri bolan «Bäherden», «Balkan», «Lebap» sement zawodlarynyň, Gökdepe, Kaka, Balkan, Köýtendag kän müdirlikleriniň, Bereket, Galaýmor kän hojalyklarynyň, «Türkmen aýna önümleri» kärhanasynyň, «Türkmendemirönümleri», «Nebitmaş» döwlet kärhanalarynyň, Aşgabat şäheriniň «Demirbetonönümleri», Büzmeýin etrabyndaky «Demirbetonönümleri», Türkmenabat şäheriniň «Demirbetonönümleri», Marynyň «Demirbetonönümleri» kärhanalarynyň, Daşoguz şäheriniň «Demirbetonönümleri» zawodynyň, Türkmenabat şäheriniň «Demirbetonkonstruksiýa» kärhanasynyň, Ýaşlyk keramzit zawodynyň, Gazbeton öndürýän zawodyň, «Polimer önümleri» zawodynyň, Demir mehaniki kärhanasynyň, şonuň ýaly hem «Türkmenmermer» ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň önümleri bu ýere gelenlerde uly gyzyklanma döretdi.

«Hyundai All New Super Aero City» kysymly täze awtobuslaryň we «Toyota Corolla» kysymly ýeňil awtoulag taksileriň köp sanlysynyň paýtagtymyzyň ýoillarynda hereket edip ugran güni bolan 25-nji maýda ak şäherimiziň demirgazyk böleginde umumy meýdany 744 gektar bolan «şäheriň içindäki şäheriň» binýady goýlup, ol ýerde dürli maksatly binalaryň 240-dan gowragy gurlar. Bu gurluşyklaryň bökdençsiz üpjün edilmegi üçin «Bäherden», «Balkan» we «Lebap» sement zawodlarynda TDS 751-2015, TDS 752-2020, TDS 753-2020 bellenen talaplara laýyklykda, PS 500 G0-K, PS-500-G5-K, PS 500-G20-K, PS 400-G0-K, PS 400-G20-K, SDPS 400-G0-K markaly kysymly portland sementleri, aýna önümçiligi kärhanasynyň öndürýän, halkara bazarynda uly isleg bildirilýän önümleri bolan adam saglygy üçin zyýansyz, ýaşaýyş-durmuşyň hemme ugurlarynda ygtybarly ulanylýan ekologik taýdan



arassa önümleri, has takygy ýüzi örtükli aýnalar, laminirlenen aýnalar, aýna paketleri, dürli ölçegli gaplar, hojalyk we lukmançylyk maksatly önümler, «float» tehnologik esasynda öndürilýän termopolirlenen dury we reňkli aýnalaryň taplanan görnüşleri sergilendi. Şeýle hem bu ýerde «Lebap» hem «Bäherden» sement zawodlarynyň gurluşygyna başlanan ikinji tapgyry sergide görkezildi. Ýakyn wagtda gurluşygy tamamlanyp, ulanmaga tabşyrylmagy göz öňünde tutulýan bu zawodlaryň her biriniň bir ýyllyk kuwwatlylygy bir million tonna barabar bolar.

Bu sergide edara-kärhanalaryň demir önümlerine bolan ýokary islegini kanagatlandyrmak maksady bilen netijeli işleri durmuşa geçirýän «Türkmendemirönümleri» döwlet kärhanasynyň 12, 16, 18, 20, 22, 25, 28, 32 millimetr ölçegdäki gurluşyk armaturalary sergä çykaryldy. Şeýle hem paýtagtymyzyň «demirbetonönümleri» kärhanasynyň diwar materiallary, gurnama demirbeton we iri panelli jaý gurluşyk önümleri, köpboşlukly örtgi plitalary, demirbeton sütünleri, gapyrgaly basdyrma plitalary, haýatlyk plitalaryň fundamenti, ýerzemin demirbeton bloklary, demirbeton çarh daşlary, demirbeton basgançaklary, basgançak meýdançalary, ýolýaka gyra daşlary, yşyklandyryjylaryň demirbeton fundamentleri, keramzit, keramzitbeton we beýleki önümleri bu ýere gelen degişli hünärmenlerde bu gurluşyk materiallaryna diýseň uly höwes döretdi. «Nebitmaş» döwlet kärhanasy bilen bilelikde işleýän «Aýdyň gijeler» hojalyk jemgyýetiniň dürli ölçegli (60x60, 30x40, 30x30) potolok çyralary, hasam kuwwatlylygy degişlilikde, 36, 48 we 96 wata barabar häzirki zaman önümleri, dürli görnüşli LED yşyklandyryjylary hemmeleriň ünsüni özüne çekdi.




Şeýle önümleriň elektrik energiýasyny tygşytlaýjylygy, yşyklandyryş möhletiniň uzaklygy hem-de ekologik taýdan arassalygy we ynsan saglygyna zyýansyzlygy bilen tapawutlanýandygy bu ýere gelenlere diýseň ýarady. Balkan welaýatynyň Gyýanly şäherçesiniň çäginde ýerleşýän Polietilen we polipropilen öndürýän zawodyň önümleriniň potolok çyralaryna esasy çig mal bolup durýandygy bu önüm bilen gyzyklanýanlara düşündirildi. Hasam «Aýdyň gijeler» hojalyk jemgyýeti tarapyndan öndürilýän elektron maglumat tagtalary, şeýle hem başlangyç synplar üçin niýetlenen netbuk kompýuterleri, dürli görnüşli ýokary watly awtomobil ýollaryny ýagtylandyryjy prožektorlary adamlarda uly höwes döretdi.

Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrligi bilen bilelikde döredilen «Aýdyň gijeler» hojalyk jemgyýetiniň sergä çykaran öýjükli telefonlary, smartfonlary, dürli görnüşli monobloklary, «Zemin» hem «Tolkun» brendli 55, 42 hem-de 32 dýumlyk «Smart» telewizorlary, split sowadyjylary, internet ulgamyny paýlaýjylary — routerleri, suwy sowatmaga we gyzdyrmaga niýetlenen kulerleri döwrebaplygy bilen adamlaryň ünsüni özüne çekdi.

Gökdepe, Kaka, Balkan, Köýtendag kän müdirlikleriniň we Bereket, Galaýmor kän hojalyklarynyň senagat-durmuş maksatly binalaryň we desgalaryň, has oňaýly häzirkizaman ýaşaýyş jaýlarynyň, awtomobil hem demir ýollarynyň, estakadalaryň, köprüleriň gurluşyklarynda ulanylýan önümleri bolan 5 – 20 mm., 20 – 40 mm., 40 – 70 mm. ölçegdäki daş owuntyklary, owradylyp baýlaaşdyrylan çäge, çagyl-çäge garyndylary bu ýere gelenleriň bada-bat ünsüňi özüne çekýär. Şeýlede gurlusyklar üçin bezeg serişdeleri bolan Gökdepe etrabyndaky «Türkmenmermer» ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetinde öndürilýän ýokary hilli mermer önümleri ýurdumyzyň giň gerimli gurluşyklarynda isleg bildirilýän, ýokary hilli önümlerden bolup durýar. Ösen döwletleriň kämil enjamlary bilen üpjün edilen bu zawodyň ýokary hilli, dürli galyňlykdaky bezeg daşlary, arhitektura şekilleri, sütün üçin örtgi plitalary, ýolýaka jähek daşlary, öý ojagy, basgançaklar sergä gelenleriň ünsüni özünde jemledi.

Bu sergide Türkmenabat şäheriniň «Demirbetonkonstruksiýa» kärhanasynyň «Galkynyş», «Pelwert», «Saýat», «Sakar», «Dost-

luk» önümhanalarynyň halkara ölçeglerine laýyk gelýän ýokary hilli harytlary bolan senagat hem gurluşyk önümleri bu ýere gelenleriň göwnünden turdy. Şeýle hem bu ýerde «Polimer önümleri» zawodynda çykarylan dürli göwrümli turbalar we geçirijiler alyjylaryň ösen talaplaryny ödeýänligi, hiliniň ýokarylygy bilen adamlaryň ünsüni özüne çekdi. Zawodyň öndürýän önümleriniň esasy bölegini tutýan 16 millimetrden 315 millimetre çenli möçberli, jemi 23 ölçeg görnüşli turbalar bu ýere gelenleriň ýokary bahasyna mynasyp boldy. Şeýle hem bu ýerde kärhananyň halk hojalygynda giňden peýdalanylýan maýyşgak gurşawlary, azyk önümlerini salmaga niýetlenen bir gezek ulanylýan gaplary, bulgurlary we beýleki polimer önümleri halk köpçüliginiň ünsüni özüne çekdi.

Ylmyň we tehnikanyň gazananlaryny önümçilikde ýerlikli ulanyp, senagat pudagyny döwrebaplaşdyrmak hem-de ýokary hilli önümleriň öndürilişinde belent sepgitlere ýetip, ykdysadyýeti senagat taýdan ösdürmek senagat ulgamynda zähmetiň ylym we tehnika bilen baglylykda guralmagy ýurdumyzyň ykdysadyýetini berkitmekde hem-de bu babatda köpugurly ösüşleri ýola goýup, ýokary netije gazanmaga, ykdysady syýasaty ýaşaýyş-durmuş meselelerini çözmäge gönükdirmäge mümkinçilik berýär. Gazbeton öndürýän zawodyň çig mallary we gurluşyk serişdeleri bolan kwars çägesi, sement, sönmedik hek, gips daşy ýurdumyzda uly islegden peýdalanýar. Awtoklawda 180 gradus gyzgynlykda 12 sagat saklanyp, 14 basyşdaky atmosferada garyndylaryň hasabyna çişirilen gazbeton önümi adaty kerpiçlerden 6-7 esse ýeňildir. Munuň özi binanyň umumy agramyny peseldip, onuň seýsmiki durnuklylygyny ýokarlandyrýar. Ol gyşyna ýylylygy örän gowy saklaýan we tomsuna jaýlaryň içiniň salkyn bolmagyna mümkinçilik berýän, daşky gyzgynlygy içine, binanyň içindäki salkyn howany bolsa daşyna goýbermeýän, saglyk üçin ýaramly bolan gurluşyk serişdesidir. Şonuň üçin hem bu önümiň gymmaty başga we şeýle kerpiçlere sergide diýseň ýokary baha berildi.

Ýurdumyzda köp gurluşly ösen senagaty esaslandyrmakda ýerli çig mal serişdelerini ygtybarly ulanmagyň ähmiýetiniň ýokarydygyna aýratyn üns berilýär. Munuň özi ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň okgunly ösüşini ýola goýmaga we halkymyzyň abadançylygyny üpjün etmäge ýardam edýär. Gurulýan döwrebap zawoddyr fabrikler bilen birlikde Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň Ýaşlyk keramzit zawody hem önüm öndürmekde halkymyzyň, raýatlarymyzyň bähbidinden, bildirýän isleglerinden ugur alýar. Zawodyň esasy maksady ýerli çig mallaryň hasabyna halkara ölçeglerine laýyk gelýän, ýokary hilli keramziti hem-de garamagyndaky santehniki önümlerini öndürýän sehinde santehniki enjamlary öndürmekden, içerki sarp ediş bazaryny şol harytlar bilen üpjün etmekden, edilýän hyzmatlary kämilleşdirmekden hem-de geljekde daşary ýurtlar bilen söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy özara bähbitli ugurlar boýunça ýola goýmakdan, ösdürmekden ybaratdyr. Kärhananyň keramzit çagly, keramzit çägesi gurluşyk işlerinde garyndy serişde bolup hyzmat edýär. Bu önüm ýeňil bolup, demir betonlar taýýarlanylanda ulanylýar. Olar ýurdumyzda alnyp barylýan giň gerimli gurluşyk işlerinde, esasan hem, iri panelli jaýlaryň daşky diwarlarynda giňden ulanylýar. Şeşle hem Ýaşlyk keramzit zawodynyň santehniki önümleri öndürýän sehi 4,24 gektar meýdanda ýerleşip, üç sany önümhanany özüne birleşdirýär. Bu önümhanalarda polietilen plýonkaly we alýumin folgaly top görnüşli basyrgy gidroizolýasion materialy bolan izogam, buýrujylaryň sargydy esasynda howa çalşyjy enjamlar, demir gözenekler, derweze, gapy, kese oturgyçlar, aýakly çyralar-torşer, hapa atylýan gaplar öndürilip, olar bu çäräniň dowamynda giňişleýin sergilendi. Şonuň ýaly-da zawodyň rezin owuntygyny öndürýän bölüminde ulanyşdan galan awtoulag tekerlerinden taýýarlanan degişli önümler görkezildi.

«Senagattaslama» instituty durmuş zerurlygy ýüze çykyp, 2001-nji ýylda döredilendigine garamazdan, ol «Administrasiýa-dolandyryş», «Gurluşyk materiallarynyň tehnologiýasy», «Gözleg we dag işlerini taslamalaşdyryş», «Toplumlaýyn taslamalaşdyryş» bölümlerini özüne birleşdirip, barlaghana, kadalaşdyryş we ylmy-gözleg, geodeziki gözleg, topografiki we markşeýder ölçegleri, dag işleriniň taslamalaşdyryş we meýilleşdiriş toparlary bilen diýseň düýpli işleri durmuşa geçirýär. Ol meýilnama esasynda gurluşyk materiallarynyň tehnologik we kadalaşdyryş resminamalaryny işläp düzmek; binagärçilik işi; inžener gözlegleri; topografiki-geodezik işler; markşeýder ölçegleri; känleriň dag parçasynyň taslamasyny işläp düzmek; meýilnama taslamasyny, dag işleriniň tehniki-iş taslamasyny işläp düzmek; materillaryň harçlanyş kadalaryny işläp düzmek; gurluşyk materiallarynyň we önümleriniň barlaghana synaglaryny geçirmek; senagat kärhanalaryň taslama-çenlik işleri; gurluşyk materiallarynyň tehnologiýasy boýunça ugurdaş ylmy-barlaglary geçirmek boýunça eýýäm özüni tanatdy we institut serginiň dowamynda alyp barýan işleri bilen sergä gatnaşyjylary ýakyndan tanyşdyrdy.

***«Türkmenistanyň senagaty».***

# SKANWORD

| | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Bäherden etrabynda bir oba | | | | | | ...şäherim Aşgabat | | | Joşgun suw | San | |
| | | Ejeň ejesi | | Asuda, parahat | | Adam synasy | | Merkezi Aziýada bir deňiz | | | |
| Meýdan ölçeg birligi | | Däp-dessur | | Dogan | | | | Bir dessanyň gahrymany | | Lebap welaýatynda bir etrap | |
| Paýtagt şäher | | | | | ...-žurnal | | | | | | |
| | Köp duzly | Italýanyň futbol topary | | | Puşman | | Himiki jisim | | | Millet | Peýda |
| | | | ..., öwren, döret | | Şikar | | | | | | |
| | Gymmat bahaly daş | | | | | | Mähriban ynsan | | Nota | | |
| | | | | | | Ýurdumyzda bir welaýat | | | | | |
| | Suw | | Uçar kysymy | Kärhana | | | | | | | Ýurdumyzdaky gazetleriň biri |
| | | Kakaň kakasy | | | Ot, alaw | | Milli gymmatlyklarymyzyň biri | «Ýusup-...» dessany | | | |
| | Hepdäniň güni | | | | Ahal welaýatynda bir etrap | | | | | | |
| Nahar | Türkmen hanlarynyň biri | | | | | | | | | | |
| | Nämälim | | | | | | | | «... oňlasa, atyňy soý» | | |
| | Paýtagtymyzda şaýollaryň biri | | | | | | | | | | |

*Taýýarlan: Gurbangeldi ORAZBERDIÝEW,*
*«Türkmenistanyň senagaty» žurnalynyň jogapkär kätibi.*

## GEÇEN SANYNDAKY SKANWORDUŇ JOGAPLARY

**KESELIGINE:** Grenlandiýa. Re. Meksika. Rast. Aý. Tar. Akar. Mi. Ankara. Ner. Ret. Alaka. At. Il. Pena. And. Asly. Uz. On. Maz. Tagty. Bering. Star. KIA.

**DIKLIGINE:** Rikşa. Lukman. Derýa. Antarktida. Mermer. Tarap. Karta. Ak. Nal. El. Kelem. Anyk. Az. Pagta. Azot. Ot. Zer. Aga. Aba. Ik. Ni. Ga. Ys.

# MAZMUNY СОДЕРЖАНИЕ CONTENTS


1 **GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW** – Atamyň

2 **Y. TOÝMYRADOW** – Ata Watanymyzyň mukaddes nyşanlary

4 **G. AKMYRADOW** – Dillerde: «Ak şäherim Aşgabat»

6 **G. ÇARYÝEWA** – «Halylar — päk arzuwlaryň kitaby»

8 **A. JUMADOW** – Merjen şäheriň maksatly ýollary

11 Göreldeli zähmete sarpa

13 **N. NAZAROW** – Goşa baýramyň ýaňy

15 **A. MÄMMETMYRADOW** – Il saglygy – ýurt baýlygy

16 **R. NURBERDIÝEW** – Döwlet Maksatnamasy – Senagat ulgamynda

19 **О. ХАНСАРЫЕВА** – Развитие электронной промышленности Туркменистана

21 **P. ORAZOW, R. NURBERDIÝEW** – Sementi «öl» usulda öndürýän zawodlaryň önümçilik galyndylaryny gaýtadan ulanmagyň mümkinçilikleri

23 **B. TAGANOW, S. DÖWLETOW** – Bäsdeşlige ukyplylygy ýokarlandyrmakda logistikanyň usullaryny peýdalanmak

28 **G. TAGANDURDYÝEWA** – Işleýän şahslaryň zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirmegiň ähmiýeti

30 **A. HALMYRADOW** – «Akgenç» – gurluşyk önümi

32 **B. GURTMYRADOW** – Sanly ykdysadyýeti ornaşdyrmagyň hukuk esaslary

35 **A. RAHYMOWA** – Uk, tüýnük, tärim... gurluşyk enjamlary

37 Gurluşyk önümleri, talaplar, hil-standart...

40 **G. ORAZBERDIÝEW** – Skanword






**«TÜRKMENISTANYŇ SENAGATY»**
žurnaly Türkmenistanyň Prezidentiniň 2018-nji ýylyň 6-njy maýyndaky 767-nji Karary esasynda 3 aýda 1 gezek türkmen, rus we iňlis dillerinde neşir edilýär. №2, 2021-nji ýyl.

**Baş redaktor:** B. Annamämmedow

**Jogapkär kätip:** G. Orazberdiýew

**Redaksion geňeş:**
R. Esedulaýew, A. Aýdogdyýew,
A.Jumadow, A. Muhammedow,
D. Gadamow, R. Nurberdiýew.
Sany 5 500. Sargyt 2243. Bahasy 13 manat.
Formaty 60x90 1/8, çap listi – 5.
**«Türkmenistanyň senagaty»** žurnalyndan materiallar, suratlar göçürilip çap edilende, žurnala salgylanmak hökmandyr.
Redaksiýanyň salgysy: 744036. Aşgabat şäheri, Arçabil şaýoly, 132-nji jaý.
Tel.: 39-49-36.
senagat.tm@gmail.com
Žurnal Türkmenistanyň Metbugat merkezinde çap edildi.
Žurnalyň çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. A - 107038

Журнал **«ПРОМЫШЛЕННОСТЬ ТУРКМЕНИСТАНА»** издается в соответствии с Постановлением Президента Туркменистана № 767 от 6 мая 2018 года 1 раз в 3 месяца, на туркменском, русском и английском языках. №2, 2021 год.

**Главный редактор:** Б. Аннамамедов

**Ответственный секретарь:** Г. Оразбердыев

**Редакционная коллегия:**
Р. Эседулаев, А. Айдогдыев, А.Джуматов,
А. Мухаммедов, Д. Гадамов, Р. Нурбердыев.
Тираж 5 500. Заказ 2243. Цена 13 манат.
Формат 60x90 1/8. 5 печатных листа.
При перепечатке материалов и снимков из журнала, ссылка на **«Промышленность Туркменистана»** обязательна.
Адрес редакции: 744036. г.Ашгабад, проспект Арчабил, 132.
тел.: 39-49-36.
senagat.tm@gmail.com
Журнал отпечатан в Центре печати Туркменистана.
Ответственность за качество печати журнала несет Центр печати.

**«INDUSTRY OF TURKMENISTAN»** magazine 744036.
Turkmenistan, Ashgabat, Archabil prospect, 132 ntl: +99312 39-49-36.

## OKAŇ, GÖZÝETIMIŇIZ GIŇÄR!

*Hormatly Prezidentimiziň öňdengörüjilikli parasatly ýolbaşçylygynda Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistan hemmetaraplaýyn pajarlap ösýär, dünýä derejesindäki abraýy has-da ýokarlanýar, döwlet durmuşynyň hemme ugurlarynda düýpli özgertmeler durmuşa geçirilýär.*

*Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň her çärýekde bir gezek türkmen, rus we iňlis dillerinde çap edilýän «Türkmenistanyň senagaty» ylmy-tehniki žurnalynda ýurdumyzyň senagat we gurluşyk önümçiligi toplumyny döwrebaplaşdyrmak boýunça geçirilýän çäreler, ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlarynyň makalalary, şeýle hem ýurdumyzyň ykdysady, syýasy we medeni durmuşynda amala aşyrylýan özgertmeler baradaky maglumatlar giňden çap edilýär.*

*Häzirki döwürde ýurdumyzda neşir edilýän gazetlere we žurnallara 2021-nji ýylyň ikinji ýarymy üçin abuna ýazylyşygy dowam edýär. Döwrebap neşirlere we şol sanda žurnalymyzyň abuna ýazylyşygyna işeňňir gatnaşyp, ýurdumyzyň senagat we gurluşyk önümçiligi pudagyndaky täzelikler, syýasy-ykdysady wakalar bilen tanyşmak bu ulgamda zähmet çekýän hünärmenleriň hünär taýýarlygynyň kämilleşmegine hem syýasy gözýetimleriniň giňelmegine ýardam eder.*

*«Türkmenistanyň senagaty» žurnalynyň abuna ýazylyşygyna gatnaşmaklaryny giň okyjylar köpçüligine maslahat berýäris.*

*Agzalan döwür üçin abuna ýazylyşyk işini «Türkmenpoçta» poçta aragatnaşyk kompaniýasynyň ýerlerdäki özüňize ýakyn şahamçalarynda geçirip bilersiňiz.*




*Žurnalyň ýarym ýyllygynyň bahasy 26 manat.*
*Ýazylyşyk indeksi – 78013. Redaksiýanyň salgysy: Aşgabat şäheri. Arçabil şaýoly. 132-nji jaý. Tel.: 39-49-36.*